**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

# HUKUKÇYNYŇ HÜNÄR EDEBI

OKUW GOLLANMA

**Dosent Gülwepa Myradowa**

Ylmy redaktor – D.M.Taganow

**Aşgabat – 2010**

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

# HUKUKÇYNYŇ HÜNÄR EDEBI

OKUW GOLLANMA

**Dosent Gülwepa Myradowa**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat – 2010**

## Sözbaşy

Hormatly Prezidentimiziň bilim syýasatynda we döwlet kanunçylygynda ýaşlara dogry ýol görkeziji bolup dünýä bilimlerden habarly ýaş hünärmenleri taýýarlamagy, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarynyň, mugallymlarynyň öňünde baş wezipe goýdy.

Milli Liderimiziň tagallasy bilen Türkmenistan Garaşsyz we hemişelik Bitarap döwlet bolup bütin dünýäde ykrar edilmegi, türkmeniň gadymdan gelýän däp-dessurlarynyň gaýtadan dikeldilmegidöwrebap ösdürilmegi türkmen diliň döwlet hökmünde durmuşa girilizmegi biziň ýurdumyzda köp meselelere täzeden seretmegi we türkmen dilinde kitaplary taýýarlamaga mümkinçilikleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz hukukçy hünärmenleri taýýarlamak işini kämilleşdirmek barada wezipe goýdy. Şol wezipeleri ýerine ýetirmekde hukukçynyň hünär edebi dersiniň hem uly ähmiýeti bar.

Hukuçynyň hünär edebi dersinde talyplara etikanyň umumy düzgünleri barada düşünje berilýär. Şeýle hem ahlaklylyk barada hukukçylara bildirilýän talaplar giňden açylyp görkezilýär.

Ahlaklylyk - bu jemgyýetiniň pikiriniň aýratyn formasy we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşi bolmak bilen, jemgyýetde adamyň hereketlerini kadalaryň kömegi bilen düzgünleşdirmekligiň esasy usullarynyň biridir.

Ahlak pedogogika, psihologiýa, logika, etnografiýa we beýlekiler tarapyndan öwrenilýär.

Döwletde hukuk kadalary we kanunlar, guramaçylyk tertipnamalary, gözükdirmeler, buýruklar wezipeli adamlaryň görkezmeleri, önümçilik administratiw düzgünler ýerine ýetirilmelidir.

Şu ýerde hünärmen hukukçylaryň ahlak sypatlaryna bildirilýän talaplaryň aýratynlyklary bar, sebäbi olar görelde bolmalydyr. Prokuraturanyň, kazyýetiň, polisiýanyň, notariatyň işgärleri, aklawçylar hemişe adamlar bilen işleşýär. Şonuň üçin olara ýokarlandyrylan ahlak talaplary bildirilýär.

Prokuroryň, kazynyň, sülçiniň, aklawçynyň haýsy kanunyň esasynda öz gulluk wezipelerini ýerine ýetirmelidigi kanunçylygymyzda bellenendir.

Türkmenistanyň konstitusiýasynyň maddalarynda her bir döwlet edarasynyň, şol sanda hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarlyklarynyň esaslary görkezilendir.

Prokuraturanyň, kazyýetleriň, polisiýanyň, adwokaturanyň, notariatyň düzgünleri boýunça işgärlere ahlak we etiki talaplar bildirilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň her raýaty-hukukçylar hemişe meseleleri kanuna laýyk we adalatly çözmeli.

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasy hemmämiziň kalbymyza joşgun berdi, bagtly döwrana atardy.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap demokratik, dünýewi we hukuk döwletini gurmaga tarap ugur aldy.

Türkmen halkynyň baý taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medeniýetine esaslanýan, şol bir wagtyň özünde hem döwlet gurluşynyň öňdebaryjy pikirlerini we

meýillerini göz öňünde tutýan türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasynyň kemala gelmegi we ösüşi tutuşlygyna Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet, hukuk baradaky yzygiderli aladalarynyň netijesidir.

„Akyl käsesi paýhasdan doly, parasatly ýaşulularymyzyň öwüt-nesihatlaryna eýerip, öz öňüňizde belent maksatlary wezipe edip goýuň, nazary bilimleri we durmuş tejribelerini berk ele alyň, biziň ajaýyp yurdumyzyň abadançylygynyň hatyrasyna ýadawsyz zähmet çekiň, mertebäňizi ýaşlykdan goraň. Goý, siziň gaýduwsyz ruhuňyz hemişe belent bolsun! Wagtyňyzy bisarpa geçirmäň, her sekundy, minudy netijeli peýdalanyň. Bu biziň kosmiki tizlikli eýýamymyzda hem-de maglumatlary tilsimatlary asyrymyzda iň gymmatly zatdyr. Her bir adamyň durmuş kitabyny özüçe ýazýandygyny unutmaň! Kimiň ýürek urşy biziň ýurdumyzyň döredijilikli zähmetine goşulyşýan bolsa, şol adam bagtlydyr.

## Ýuristiň hünär edebi dersi barada düşünje.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW**

“Ýuristleri, ykdysadyýetçileri, bank işgärlerini, kompýuter programmalarynyň hünärmenlerini, inženerleri we ýurdumyza zerur bolan beýleki hünärmenleri dünýäniň iň ösen döwletlerinde, iň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlaýarys”.

Täze galkynyşlara we ykdysady ösüşlere beslenen zamanamyzda her bir maşgalada, obada, şäherde we ýurtda bolup geçýän özgerişlikler milletiň diňe bir ýaşaýyş – durmuşyna täsir etmän, eýsem şu günüň keşbinden röwşenlenýän aňyýetiň kemala gelmegine-de öz täsirini ýetirýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen durmuşa geçirilýän özgerişlikler barha giň gerime eýe bolýar. Döwlet baştutanymyzyň ilkinji aladalarynyň biri ýaşlarymyzyň dünýä ülňülerine laýyk bilim almagy we obany özgertmek boldy. Şol maksatdan ugur alýan Kararlar we Permanlar türkmen halkyny üstünlikere ruhlandyrdy.

Oba hojalygynyň ösdürilmegi gönüden-göni şäher bazarlarynyň bolçulygyny artdyrýar. Bu bolsa oba bilen şäheriň sazlaşykly ösmegine getirýär.

Beýik Galkynyşlar eýýamynda hormatly Prezidentimiz turuwbaşdan adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak barada çynlakaý alada edip ugrady. Muny ýurt baştutanymyzyň:

“Meniň baş aladam halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak bolar” diýen sözleri-de subut edýär. Häzir halk hojalygynyň dürli pudagynda amala aşyrylýan tutumly işler halkymyzyň ýaşaýyş – durmuşyna öz täsirini ýetirip başlady.

Beýik Galkynyşlar eýýamynda dünýä ýurtlary biziň bilen içgin gyzyklanýar. Ýurdumyzda geçirilýän döwletara duşuşyklary Türkmenistanda amala aşyrylýan özgerişlikleriň barha rowaçlanýandygyny görkezýär. Bu bolsa türkmeniň mertebesini hasda ýokary göterýär. Döwletimiziň parahatçylyk döredijі potensialy dünýäniň üns merkezinde bolup, munuň şeýledigini esasan hem Türkmenistan bilen BMG-niň ähliumumy parahatçylyk we durnukly şsüş ugrundaky hyzmatdaşlygy anyk görkezýär.

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen badalga berlen il-ýurt bähbitli tutumlaryň köpüsi adamlaryň diňe bir durmuş ýagdaýyny gowulandyrman, eýsem halkyň syýasy dünýägaraýşyna hem belli bir derejede täsir etdi.

Hormatly Prezidentimiziň “Awaza milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky maksatnamasy dünýä belli kompaniýalaryň köpüsiniň ünsüni çekdi. Bu bolsa türkmen döwletiniň dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde durýandygyna, ýurdumyzyň dostlarynyň barha köpelýändigine güwä geçýär. Dünýäde aýry-aýry döwletler uly depginler bilen ösýär we kuwwatlanýar. Ylmyň we tehnikanyň ösen eýýamynda bu ösüşler adamlaryň aňyna-da belli bir derejede täsir edýär. Hormatly Prezidentimiz şu nukdaýnazardan seredip, “Türkmentel-2007” halkara sergisine we ylmy-amaly maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, şeýle diýdi:

***“Garaşsyz Türkmenistanda adamlar ösen tehnologiýalaryň mümkinçilik berýän täze goşmaça hyzmatdaşlygyndan, internetden şeýle-de kompýuterler ulgamlarynyň maglumatlar gorlaryna çykmak hyzmatlaryndan has köp peýdalanýarlar. Men internetiň we aragatnaşygyň iň täze tehnologiýalarynyň Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli bolmagyny isleýärin”.***

Belen mertebeli ýurt baştutanymyzyň bu sözleri eýýäm durmuşymyza ornaşyp başlady. Hormatly Prezidentimiziň maksady täze galkynyşlar we beýik özgertmeler syýasaty ösdürip, dünýä derejesine çykarmak. Ykdysady ösüşler bilen sazlaşykly, deň gadam basýan ideologiýa hem gerek. Hormatly ýurt baştutanymyz bu derwaýslygy biziň hemmämizden öň duýup, şu ýylyň ýanwar aýynyň 19-na ýurdymyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen duşuşdy. Duşuşykda ýurdumyzyň we halkymyzyň özbaşdak döwletiň berkarar bolmak tapgyryny belläp, hormatly Prezidentimiz ony berkitmek we ösüşiň täze tapgyryna geçmek üçin häzirki döwrüň reallyklaryna we talaplaryna esaslanyp, düýbünden täze ideologiýanyň gerekdigini aýtdy. Döwür bilen dünýä sazlaşykly, deň derejede gitmek üçin aňyýetiň has täzelenmegi gerek. Her bir halkyň edebiýaty, sungaty, medeniýeti, milli pelsepesi, tebigaty, özara gatnaşyklary gönüden-göni onuň aňyýetine täsir eder. Milletiň ideologiki gymmatlyklary onuň aňyýetiniň näderejede ösýändigini kesgitleýär. Biz ata-babalarymyzyň ýörelgelerini dünýä derejesinde ösdürip, kämilleşdirip, döwrebaplaşdyryp durmuşymyza ornaşdyrmaly. Biziň her birimiz halkymyzyň milli mertebesini belende götermäge we öz başarnygymyz

bilen ata Watanymyzyň şan-şöhratyny artdyrmaga borçludyrys.

Häzirki Täze Galkynyş eýýamynda bu wezipe esasy meselesine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen bolan duşuşygynda ýaşlary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek işini hasda güýçlendirilmegini bellemek bilen, bu meselede ýokary okuw mekdepleriniň alyp barýan işleriniň ähmiýetiniň ýokarlandyrylmagy barada durup geçdi. Şunuň baglylykda Hormatly Prezidentimiz ýokary okuw mekdeplerinde häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň ösüşine bagyşlanan täze sapak girizmek barada aýtdy. Täze Galkynyş eýýamynda ýaşlaryň giň düşünjeli, çuňňur dünýägaraýyşly, ýokary ahlakly bolmagy zerurdyr. Ýaşlar dünýädäki we ýurdumyzyň çäginde bolup geçýän wakalardan esasanam Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet ähmiýetli işlerinden, kabul edýän resminamalaryndan habarly bolmalydyrlar. Şeýle hem ýurdumyzda geçirilýän çäreleriň ähmiýetli aýratynlyklaryna doly we dogry düşünip, olary durmuşa geçirmäge çalyşmalydyrlar. Hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçindir" diýen täze şygaryndan gelip çykýan wezipelere mynasyp işleri durmuşa geçirmelidirler.

Estetika sözi grekleriň, aistonomi diýen grek sözünden bolup, munuň manysy duýmak ýa-da duýgular, aňlamalar we emosiýalar arkaly kabul edilip alynýan zatlar diýmekdir. Estetiki taglymat baryp gadymy dünýäniň gul eýeçilik döwründe Rimde, Müsürde, Wawilonda, Hindistanda, Hytaýda, Orta Aziýada, Parfiýada, Gresiýada ýäze çykypdyr.

Özbaşdak ylymy aňladýan estetika ylymy diýen aňlatma XVIII asyryň ortalarynda Günbatar ýewropada ýüze çykypdyr. Bu 1750-1758 ý.ý. neşir edilen. Estetika diýen iki tomluk işiniň awtory meşhur nemes akyldary Aleksandr Baamgorden tarapyndan filosofik edebiýata girdi. XIX-XX asyrlarda estetika diýen termini giň we köp dürli ähmiýete eýe boldy. Häzirki zaman bolsa estetiki teoriýalar, estetiki obýekt, estetiki garaýyşlar, estetiki kategoriýalar, estetiki islegler, estetiki mertebe, estetiki gatnaşyklar we şulara meňzeş düşünjeler giňden ulanylýar.

Estetiki filosofiýada teoretiki ugury bolmak bilen maddy hakykatyň jemgyýetçilik durmuşynyň hakykatlaryna, estetiki akyl ýetirişiniň, dünýäni estetiki taýdan özleşdirmegiň, adamyň tebigatda we jemgyýetde estetiki gatnaşygyň düýp manysyny we kanunalaýyklygyny öwrenýär. Estetiki ylym hökmünde durmuşyň gözelligi tebigatda aýratynlygy öwrenýär. Estetiki taglymatyň, estetiki lezzetiň, estetiki hoşallygyň, estetiki garaýyşlaryň, adamlaryň zähmet prosesine jemgyýetçilik önümçilik we praktiki iş prosesine estetiki taýdan baha berlişiniň gelip çykmagynyň olaryň kemala gelişiniň we ösüşiniň taryhyny we kanunlaryny öwredýär. Şonuň ýaly-da estetika sungat görnüşinde ýokary estetiki ýüze çykyşy öwrenýär. Adamzadyň çeperçiligiň, ösüşiniň has umumy kanunlaryny formulirleýär. Şeýle hem adamyň hakykatda bolan estetiki garaýyşynyň esasy kategoriýalaryny kesgitleýär. Beýleki ylymlaryň hemmesi ýaly estetika ylymynyň hem öz kategoriýalary bolýar.

Olar şulardan ybarat:

1. Gözellik kategoriýasy
2. Belent derejelilik kategoriýasy

3. Tragigik kategoriýasy
4. Komikli kategoriýasy
5. Ideýallylyk kategoriýasy

Şu kategoriýalaryň üsti bilen real dünýäni estetiki özleşdirmek we akyl ýetirmek amala aşyrylýar.

Ahlak, moral meselelerini öwrenýän ylyma ETIKA diýilýär. Etika grekçe „etkos“ diýen sözden gelip çykýar we gylyk, ahlak, adat diýen manyny aňladýar. Etika filosofiýanyň öränmöhüm pudagydyr we ahlak haýndaky ylymdyr. Ahlak, pedagogika, psihologiýa, logika, etnografiýa we beýleki ylymlar tarapyndan öwrenilýär.

Etika – bu jemgyýetde adamyň özüni alyp barşynyň ahlak kadalaryny, ahlaklylygyň düýp mazmunyny, döreýşini we ösüşini, şonuň ýaly-da özüňi alyp barmaklygyň däp-dessurlaryny, olaryň häsiýetini ýagşylyk-ýamanlygyň problemalaryny öwrenýän filosofiýa ylymydyr.

Gündelik durmuşda duş gelýä ahlak hem-de moral diýen sözlere käbir halatlarda dar düşünilip, dar many berilýär. Mes: bir adama baha bermeli bolanda, onuň moral keşbi kesgitlenmeli bolanda, şahsy ýaşaýşynyň diňe käbir taraplary – aýala garaýşy, arak içýänligi ýa-da içmeýänligi, ýoldaşlary we goňşulary bilen oňuşýanlygy ýa-da durnuksyz, ahlakly ýa-da ahlaksyz diýlip baha berilýär. Şonda ol adamynyň halka, döwlete garaýşy nähili we özüne tabşyrlan işiýerine ýetirişi, jemgyýetiň kanunlaryny ýerine ýetirişi diýen meseleler ýa-ha ünüsden düşürilýär ýa-da görkeziläýsede adamyň ahlak moral keşbine girmeýän aýratyn bir zat edilip görkezilýär.

Şol kadalaryň (normalaryň) jemlenmegidir. Ol adamlaryň biri-birine nähili garaýandyklaryny, halka,

jemgyýete, aýry-aýry synplara, döwlete, watana, maşgala we ş.m. nähili garaýandyklary olar bilen baglylyk özüni alyp barýandyklaryny kesgitleýär ýa-da ahlak, ahlaklylyk, jemgyýetçilik aňynyň aýratyn we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşleri bolmak bilen jemgyýetde adamyň hereketlerini normalaryň kömegi bilen düzgünleşdirmeginiň esasy ugurlarynyň biridir. Ýönekeý adatdan ýa-da däp-dessurdan tapawut. Ahlak normalary ýagşylygyň – ýamanlygyň, adatyň we ş.m. nähili bolmalydygyny ideýa taýdan esaslandyrýar.

Moral – ahlak taýdan özüni alyp barmak kadalarydyr. Ol hem ahlak ýaly adamlaryň özüniň durmuşda özüni alyp barşy bilen iş salyşýar we ol babatdaky prinsipleri kesgitleýär. Ema moral prinsipler ahlak normalary uçdan tutma hemmesini däl-de has umumylaryny, has möhümlerini öz içine alýar. Ahlak, moral meseleleri adamlaryň ýaşaýşy bile gündelik durmuşy we işi bilen gos-göni baglanyşykly bolany üçin olar örän pugta üns berilip öwrenýär. Ahlak, moral jemgyýetçilik aňynyň formalarynyň biridir.

Adamzady haýwanatdan esasy tapawutlandyrýan we adamlaryň düşünjesi bilen kesgitlenýän ruhy ýaşaýşa jemgyýetçilik aňy diýilýär.

Ideýalar, her dürli duýgular, teoriýalar, adamlaryň biri-birine jemgyýetçilik gurluşa, döwlete, dünýä garaýyşlary, adamzadyň geçmişine, häzirki durmuşyna we gelejegine garaýşy – şularyň hemmesi jemgyýetçilik aňy bolýar.

Jemgyýetçilik aňynyň esasy formalary:

1. Ahlak
2. Syýasat

3. Hukuk
4. Din
5. Sungat
6. Ylym

Ahlak bolsa öz gezeginde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny belli bir pudagyny kadalaşdyryşyna laýyk sferalara bölünýär:

1. Zähmet
2. Ahlaklylyk
3. Durmuş ahlagy

Ahlak bilen hukugyň esasy tapawudy, olaryň jegyýetde adamlaryň gatnaşygyny kadalaşdyryşyndadyr. Hukuk normalaryny ýerine ýetirmek üçin ahlak mejburlyk hem ulanylýar. Ahlagyň talaplaryny däpler, dessurlar, umumy adamzat ýa-da her indiwidiň aýrylyk özüniň ynamy bilen ýerine ýetirilýär.

Öň belläp geçişimiz ýaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köp topary ahlak we hukuk normalarynyň bilelikde ulanylmagy bilen kadalaşdyrýar. Ýöne kähalatlarda ahlak we hukuk normalaryň talaplarynyň deň gelmedik ýagdaýy hem bolýar. Şunuň ýaly sazlaşyksyz ahlak bilen hukugyň synpy häsyýetliligini ýetirmegi esasynda emele getirýär.

Islendik jemgyýetde hem hukuk we ahlak gös-göni deň gelýän däldir. Mysal üçin: Jemgyýetde garşy käbir hereketler ahlak taýdan ýazgarylsa hem jenaýat jogapkärçiligini ulanmak däldir. Ahlak bilen hukugyň dogry, biri-birine ýakyn ulanylmaly, olaryň adamlaryň hereketlerini kadalaşdyrmaga örän çekiji prosesidir.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary ahlak we hukuk taýdan kadalaşdyrmak ýakyndan özara hereket edýärler, sebäbi

jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köp bölegi şol wagtyň özünde hukuk we ahlak kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Meselem: Parahorluk, gözboýagçylyk, huligançylyk we beýleki jemgyýete garşy hereketler üçin jenaýat jogapkärçiligi bellenilýär, hem-de şol bir wagtyň özünde ahlak taýdan ýazgarylýar.

Ahlagyň ol ýa-da beýleki hukuk pudagy boýunça kanunçylygy kämilleşdirip täze kanunçylyk aktlarynyň peýda bolmagy höweslendirýän halatlary hem seýrek bolmaýar. Ýöne biz ahlak taýdan ýazgarylýan hemme etmişlere hukuk tertibinde temmi berilýändigini bilmelidiris. Umuman ahlak we hukugyň aragatnaşygy hakynda mesele etika ylmynda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Jemgyýetiň aňynyň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň formasy hökmünde ahlagyň we hukugyň özaralarynda köp meňzeşlikleri bar. Sebäbi, olar umumy sosial funksiýalary ýerine ýetirýärler. Ýagny has takygy jemgyýetde adamlaryň özlerini alyp barmagyny düzgünleşdirýär.

Ahlagam, hukugam jemgyýetde özüňi alyp barmagyň kadalarynyň jemi bolup durýar. Bu kadalar hemişe ähliumumy häsiýete eýedir. Ýagny olar jemgyýetiň hemme agzalaryna (bolmanda formal taýdan) degişlidir.

Hukuk kadalary seýrek ýagdaýlarda bolaýmasa (adat hukugy diýlip atlandyrylýar) galan ýagdaýlarda ýazmaça häsiýete eýe bolup, ýagny döwlet tarapyndan resmi yglan edilişine we ahlak kadalarynyň esasan jemgyýetçilik aňynda ýaşaýanlygyna garamazdan ahlak we hukuk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň baryny öz içine alyp, özüňi alyp barmagyň giňişleýin sistemasyny aňladýar.

Sungat – adamyň durmuşynyň hemme tarapyny çeper obrazyň, çeperçilik serişdeleriň üsti bilen görkezýär. Adama şol obrazy, şol serişdeleri görkezmek arkaly täsir edýär.
Ylym – maddy dünýäniň, tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň pikirlenmesiniň obýektiw kanunlaryny, şu dünýäde bolup duran wakalaryň, hadysalaryň sebäplerini (kanunlaryny) öwrenýär we geljegi öňünden görmäge kömek edýär.
Jemgyýetçilik aňynyň formalarynyň hemmesi biri-birine täsir edýär. Ýöne ol täsir gowy ýa-da erbet, köp ýa-da az bolup biler. Bu formalary her biriniň aýry-aýry adamlara we jemgyýete täsir ediş ýa-da mejbur ediş usuly hem-de ýoly bar. Meselem: ahlagy alyp göreliň. Ahlak kadalary, hukuk kadalary ýaly däldir. Hukuk kadalary döwlet kanunlarynda beýan edilip, döwlet aparatynyň güýji bilen amala aşyrylýan bolsa, ahlak munuň tersine jemgyýetçilik pikirne, adamyň içki duýgularyna, ylmy häsiýetlerine, ynanjyna eden işlerine däp-dessura we tejribä dolanýar. Başgaça aýdanda ahlak mejbur etmek bilen iş salyşmak, jemgyýetçilik pýikiri, jemgyýetçilik aňy bilen adamlar düşünjesi we ýaşaýşy bilen iş salyşýar. Adamyň özüni alyp barşyna, eden işlerine ahlak taýdan baha berlende ahlak ýörelgelerine hem-de kadalaryna şol işleriň nähili laýyk gelýändigini kesgitlenende ýagşy we ýaman namyslyk we binamyslyk, adalatlylyk we adalatsyzlyk diýen kategoriýalar bilen kesgitlenýär.

## Ýuristiň gulluk ygtyýarlyklary, borjy we şahsy jogapkärçiligi

Hormatly Prezidentimiz Ýurist hünärmenleri taýýarlamak işini kämilleşdirmek barada wezipe goýdy. Şol wezipeleri ýerine ýetirmekde Ýuristiň hünär edebi dersiniň hem uly ähmiýeti bar.

Hukukçynyň hünär edebi dersinde talyplara etikanyň umumy düzgünleri barada düşünje berilýär. Şeýle hem ahlaklylyk barada Ýuristlara bildirilýän talaplar giňden açylyp görkezilýär.

Ahlaklylyk – bu jemgyýetiniň pikiriniň aýratyn formasy we jemgyýwtçilik gatnaşyklarynyň görnüşi bolmak bilen, jemgyýetde adamyň hereketlerini kadalaryň kömegi bilen düzgünleşdirmekligiň esasy usullarynyň biridir.

Ahlak pedagogika, psihologiýa, logika, etnografiýa we beýlekiler tarapyndan öwrenilýär.

Döwletde hukuk kadalary we kanunlar, guramaçylyk tertipnamalary, gözükdirmeler, buýruklar wezipeli adamlaryň görkezmeleri, önümçilik administratiw düzgünler ýerine ýetirilmelidir.

Şu ýerde hünärmen Ýuritlaryw ahlak sypatlaryna bildirilýän talaplaryň aýratynlyklary bar, sebäbi olar görelde bolmalydyr. Prokuraturanyň, kazyýetiň, polisiýanyň, Notariýatyň işgärleri, aklawçylar hemişe adamlar bilen işleşýär. Şonuň üçin olara ýokarlandyrylan ahlak talaplary bildirilýär.

Prokuroryň, kazynyň, sülçiniň, aklawçynyň haýsy kanunyň esasynda öz gulluk wezipelerini ýerine ýetirmelidigi kanunçylygymyzda bellenendir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň maddalarynda her bir döwlet edarasynyň, şol sanda hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarlyklarynyň esaslary görkezilendir.

Prokuraturanyň, kazyýetiň, polisiýanyň, adwokaturanyň, Notariýatyň düzgünleri boýunça işgärlere ahlak we etiki talaplar bildirilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň her raýaty – Ýuristlar hemişe meseleleri kanuna laýyk we adalatly çözmeli.

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasy hemmämiziň kalbymyza joşgun berdi, bagtly döwrana atardy.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap demokratik, dünýewi we hukuk döwletini gurmaga tarap ugur aldy.

Türkmen halkynyň baý taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medeniýetine esaslanýan, şol bir wagtyň özünde hem döwlet gurluşynyň öňdebaryjy pikirlerini we meýitlerini göz öňünde tutýan türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasynyň kemala gelmegi we ösüşi tutuşlygyna Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet, hukuk baradaky yzygiderli aladalarynyň netijesidir.

Ahlak bilen hukuk işiniň aragatnaşygy baradaky sorag etiki ylymlaryň arasynda esasylarynyň biridir. Bu sorag jemgyýetiň adama täsir ediş usullary bilen baglydyr. Jemgyýetçilik aňynyň we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň bir formasy görnüşinde çykyş etmek bilen ahlak bilen hukuk özaralarynda köptaraplaýyn meňzeşdirler, sebäbi olar umumy sosial funksiýany ýerine ýetirýär: jemgyýetde adamlaryň özüni alyp barşyny kadalaşdyrýar. Ahlak we hukuk düzgünleriň we görkezmeleriniň birligini özünde

jemleýär, jemgyýetde agalalyk synpyň erkini aňladýar. Bu normalar ähliumumy häsiýete eýedir hem-de jemgyýetiň hemme çlenlerine degişlidirler, hatda formal derejede hem bolsa.

Hukuk normalar döwlet tarapyndan kabul edilýär. Käbir ýagdaýlarda, başga halatlarda /ahlak normalar bolsa jemgyýetiň aňynda ýaşaýar, ahlak we hukuk özüni alyp barmagyň giňişleýin sistemasyny öz içine alýar, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hemmesini diýen ýaly özünde jemleýär.

Adat hukugy boýunça Ata Haýytlyýewiň „Türkmenleriň jenaýat adat hukugy“ diýen monografiýasyny okamak maslahat berilýär.

Hukuk pudaklara bölünýär: jenaýat, raýat, maşgala we nika, ýer, maliýe, halkara hukuk we ş.m./. Bu pudaklaryň her bir normasyny bitewi kanunlarda jemlenýär.

Ahlak bolsa öz gezeginde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny belli bir pudagyny kadalaşdyrylyşyna laýyk sferalara bölünýär: zähmet, ahlaklyly, durmuş ahlagy.

Ahlak bilen hukugyň esasy tapawudy olaryň jemgyýetde adamlaryň gatnaşygyny kadalaşdyryşyndandadyr. Hukuk normalaryny ýerine ýetirmek üçin ahlak mejburlyk hem ulanylýar. Ahlagyň talaplaryny däp-dessurlar, umumy adamzat ýa-da her inwidiň aýrylykda özüniň ynamy bilen ýerine ýetirilýär.

Öň belläp geçişimiz ýaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köp topary ahlak we hukuk normalaryň bilelikde ulanylmagy bilen kadalaşdyrylýar. Ýöne kärhanalarda ahlak we hukuk normalaryň talaplarynyň deň gelmedik ýagdaýy hem bolýar. Şunuň ýaly sazlaşyksyzlyk

ahlak bilen hukugyň synpy häsiýetliligini ýitirmegi esasynda emele gelýär.

Islendik jemgyýetde hem hukuk we ahlak gös-göni deň gelýän däldir. Mysal üçin jemgyýete garşy käbir hereketler ahlak taýdan ýazgarylsa hem jenaýat jogapkärçiligini ulanmak däldir.

Ahlak bilen hukugyň dogry, bir-birine ýakyn ulanylmagy, adamlaryň hereketini kadalaşdyrmaga örän çekiji prosessdir.

Ösüş-özgerişleriň täze ýoluna düşen eziz Watanymyz, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň at-abraýy, mertebesi günsaýyn beýgelýär, şan-şöhraty barha artýar. Beýik Galkynyş zamanasynda ýurduň ähli tarapdan ösmegini ýola goýan hormatly Prezidentimiz döwletiň kanunçylyk binýadynyň hasda berkemegi, kämilleşmegi, hereket edýän we kabul edilýän kanunlaryň halkara hukuk kadalaryna laýyk gelmegi üçin yzygiderli aladalary edýär. Soňky bir ýylyň içinde ýurdumyzda kabul edilen kanunlardyr hukuknamalary aýdylanlara doly şaýatlyk edýär. Kanunlary kämilleşdirmek, olara halkara kadalaryna laýyk gelýän goşmaçalary ýa-da üýtgeşmeleri girizmek, zerur halatlarda täze kanunlary kabul etmek ýaly derwaýys meseleleri hormatly Prezidentimiz hiç wagt ünsden düşürmeýär.

Biziň mizemez binýady adalatdan, agzybirlikden, jebislikden, ynsanperwerlikden tutulan Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň Baş Kanunynda - Konstitusiýasynda „Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr“ diýlip kepillendirilendir. Bu barada hormatly Prezidentimiz şeýle belläp geçýär:

- Biziň hukuk döwletimizde kanun mizemezdir we ähli zatdan ileri tutulýandyr. Bizde hemme adam kanunyň öňünde deňdir we kanun taýdan goralmaga deň derejede hukuklydyr. Adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny, onuň kanuny bähbitlerini goramak türkmen jemgyýetiniň baş ýörelgesidir. Türkmenistanda ýaşaýan her bir adamyň öz borjy, hukugy, hemde jogapkärçiligi bar. Emma wezipeli adamlaryň ýönekeý raýatlardan tapawutlylykda olaryň aýratyn jogapkärçiligi, we borçlary bolýar.

Türkmenistanyň Jenýat iş dolandyryş kanunynda işiň ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn, doly we obýektiw derňemek barada şeýle diýilýär.

Kazyýet, prokuror, sülçi we doznaniýe geçirýän adam işiň ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn, doly we obýektiw derňemek üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge, aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary-da, onuň jojapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary-da ýüze çykarmaga borçludyrlar.

Kazyýetiň, prokuroryň, sülçiniň we doznaniýe geçirýän adamyň özleriniň subut etmek borjuny aýyplanýanyň üstüne atmaga haky ýokdur. Zorluk, haýbat bilen hem-de başga bikanun çäreler arkaly aýyplanýandan we işe gatnaşýan beýleki adamlardan görkeziş aljak bolup dyrjaşmak gadagandyr.

Kazyýet şeýle etmek üçin esaslar bar mahalynda hususy kesgitleme (karar) çykaryp, onuň üsti bilen döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň ünsüni kanunyň bozulmagynyň iş boýunça belli edilen faktlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere çekýär.

Hususy kesgitleme (karar) doznaniýe, deslapky derňew geçirlende ýa-da işe aşaky kazyýet tarapyndan garalanda raýatlaryň hukuklarynyň bozulandygy hem-de kanunyň beýleki bozulmalaryna ýol berlendigi kazyýet tarapyndan ýüze çykarylan mahalynda hem çykarylyp bilner.

Kazyýet özüniň hususy kesgitlemesi (karary) bilen aýry-aýry raýatlaryň önümçilikde ýa-da durmuşda özlerini nädogry alyp barýandygyna ýa-da olaryň öz jemgyýetçilik borjuny bozýandygyna jemgyýetçilik guramalarynyň we zähmetkeşler kollektiwleriniň ünsüni çekmäge haklydyr. Zerur halatlarda hususy kesgitlemäniň (kararyň) kopiýasy ýoldaşlyk kazyýetine iberilip bilner.

Eger kazyýet zerur diýip hasap etse, kazyýet seljerişiniň materiallary boýunça beýleki halatlarda hem hususy kesgitleme (karar) çykarmaga haklydyr. Kazyýet özüniň hususy kesgitlemesi (karary) bilen raýatyň öz jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetiren mahalynda ýokary düşünjelik, edermenlik görkezip, jenaýatyň öňüni almaga ýa-da üstüni açmaga ýardam edenligini degişli kärhananyň, edaranyň ýa-da guramanyň dykgatyna ýetirip biler. Hususy kesgitleme (karar) boýunça bir aýdan gijä goýulman zerur çäreler görülmelidir hem-de onuň netijeleri barada hususy kesgitleme (karar) çykaran kazyýete habar berilmelidir.

Eger jenaýat işini ýöretmekde kazyýetiň, halk oturdaşynyň, prokuroryň, sülçiniň, doznaniýe geçirýän adamyň, kazyýet mejlisiniň kätibiniň, ekspertiň, hünärmeniň we terjimeçiniň işde şahsy, gös-göni ýa-da gytaklaýyn bähbidi bar bolsa, olar şol işi ýöretmeklige gatnaşyp bilmezler we olar otwoda degişlidirler.

Jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmekde Türkmenistanyň kanunlarynyň takyk hem-de birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de aşaky prokurorlar amala asyrýarlar.

Prokuror jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmegiň ähli stadiýalarynda kanunyň kim tarapyndan bozulýandygyna garamazdan, kanunyň her hili bozulmaklaryny ýok etmek üçin kanunda göz öňünde tutulan çäreleri öz wagtynda görmäge borçludyr.

Jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmekde prokuror öz ygtyýarlaryny hiç hili organlara hem-de wezipeli adamlara Garaşsyzlykda diňe kanuna tabyn bolmak we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň görkezmelerini goldanmak bilen amala aşyrýar.

Prokuroryň kanuna laýyklykda çykaran kararlaryny ýerine ýetirmek ähli kärhanalar, edaralar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmandyr.

Kazyýetleriň, prokurorlaryň, sülçüleriň we doznaniýe organlarynyň daşary ýurt döwletleriniň degişli edaralary bilen habarlaşmaklarynyň tertibi, şonuň ýaly-da şol edaralaryň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň Kanunlary hem-de Türkmenistanyň degişli döwletler bilen baglaşan halkara şertnamalary boýunça kesgitlenýär.

Daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan edilen jenaýatlar hakynda kazyýet işini ýöretmeklik Türkmenistanyň territoriýasynda şu Kodeksiň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Diplomatik el degrilmesizlik hukugy bolan adamlar barada şu Kodeksde göz öňünde tutulan prosessual hereketler diňe olaryň haýyşy boýunça ýa-da olaryň

razylygy bilen geçirilýär. Şeýle hereketleri geçirmäge razylyk Daşary işler ministrliginiň üsti bilen soralýar.

Kazyýet şu aşakdaky halatlarda serenjam mejlisinde-de, kazyýet mejlisinde-de işe garalmagyna gatnaşyp bilmez:

1. eger ol şol iş boýunça kazyýetiň düzümine girýän beýleki kazyýetler bilen garyndaş bolsa;

2. eger ol heläkçilik çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi bolup duran bolsa, şol adamlaryň garaz biriniň garyndaşy ýa-da äri-aýaly, iş boýunça aýyplanýanyň garyndaşy ýa-da äri-aýaly bolsa;

3. eger ol şu işe heläkçilik çeken, şaýat, ekspert, hünärmen, terjimeçi, doznaniýe geçirýän adam, sülçi, prokuror, jemgyýetçilik garalawçysy, aklawçysy, jemgyýetçilik aklawçysy, aýyplanýanyň kanuny wekili, heläkçilik çekeniň raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň bähbitleriniň tarapyny tutujy wekili hökmünde gatnaşan bolsa;

4. eger onuň hut özüniň, onuň garyndaşlarynyň ýa-da äriniň-aýalynyň işde gös-göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleri bar bolsa;

5. eger iş boýunça gatnaşýan adamlar kazyýetiň tarapgöýsüzligine şübhe döredýän başga ýagdaýlary görkezseler.

“Türkmenistanyň Prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda we şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde prokuror jenaýat işiniň gözgalyşynyň kanunylygyna hem-de doznaniýe we deslapky derňew organlary tarapyndan işe kazyýetde garalan wagtynda we höküm ýerine ýetirilen wagtynda kanunlaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar.

Jenaýat işleri boýunça deslapky derňewi özleriniň kompetensiýasynyň çäklerinde prokuraturanyň, içeri işler organlarynyň we döwlet howpsuzlygy organlarynyň kanunda görkezilen tertipde bellenen sülçüleri geçirýärler.

Prokurordan sanksiýa almak ýa-da aýry-aýry prosessual hereketler amala aşyrylan mahaly kanunylygy üpjün etmek baradaky welaýat, şäher, etrap toparlarynyň ygtyýarnamasyny almak kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga wagtda sülçi deslapky derňew geçirilende, derňewiň ugry hakynda we derňew hereketlerini geçirmek hakynda hemme kararlary özbaşdak kabul edýär we olaryň kanunly hem-de öz wagtynda geçirilmegine doly suratda jogapkär bolýar.

Aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek hakynda, jenaýaty kwalifikasiýalamak we ýüklenýän aýybyň möçberi hakynda, aýyplanýanyň işini kazyýete bermek üçin işi ibermek hakynda ýa-da işi ýatyrmak hakynda prokuroryň görkezmeleri bilen sülçi razylaşmadyk mahalynda, sülçi özüniň görkezýän garşylyklaryny hat üsti bilen beýan edip, işi ýokarky prokurora bermäge haklydyr. Şunuň ýaly bolanda ýokarky prokuror ýa-da aşaky prokuroryň görkezmelerini ýatyrýar, ýa-da şol iş boýunça derňew geçirmegi başga sülçä tabşyrýar. Deslapky derňew geçirmek hökman bolan işler boýunça sülçi, doznaniýe organlarynyň şu Kodeksiň 129-njy maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri ýerine ýetirmeklerine garaşyp durman, deslapky derňewi geçirmäge her bir pursatda girişmäge haklydyr.

Sülçi jenaýat edendir öýdülýän adamy şu Kodeksiň 131-134-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde we

esaslarda tutup saklamaga hem-de ondan sorag etmäge haklydyr.

Sülçi özüniň barlaýan işleri boýunça gözleg hem-de derňew hereketlerini geçirmek hakynda doznaniýe organlaryna tabşyryk we görkezme bermäge hem-de aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmekde ýardam edilmegini doznaniýe organlaryndan talap etmäge haklydyr. Sülçiniň şeýle tabşyryklary we görkezmeleri doznaniýe organlary üçin hökmandyr.

Sülçiniň öz ýöretmegindäki jenaýat işi boýunça kanuna laýyklykda çykaran kararlary ähli kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmandyr.

Derňew bölüminiň başlygy jenaýatlaryň üstüni açmak we öňüni almak barada sülçüleriň öz wagtynda hereket edişine gözegçilik edýär, jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň has doly, hemme taraplaýyn we obýektiw geçirilmegi üçin çäreler görýär.

Derňew bölüminiň başlygynyň jenaýat işlerini barlamaga, deslapky derňew geçirmek hakynda, aýyplanýan hökmünde işe çekmek, jenaýaty kwalifikasiýalamak we ýüklenýän aýybyň möçberi hakynda, işi ibermek hakynda, aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmek hakynda sülçi görkezmeler bermäge, işi bir sülçüden başga sülçä bermäge, işi derňemegi birnäçe sülçä tabşyrmaga, şonuň ýaly-da deslapky derňew geçirilende oňa gatnaşmaga we sülçiniň ygtyýarlaryndan peýdalanyp, hut özüniň deslapky derňew geçirmäge haky bardyr.

Jenaýat işi barada derňew bölüminiň başlygynyň görkezmeleri sülçä ýazmaga görnüşde berilýär we olar hökman ýerine ýetirilmelidir.

Şu Kodeksiň 45-nji maddasynyň II böleginde göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda, alnan görkezmeler barada prokurora sikaýat edilmegi şol görkezmeleriň ýerine ýetirilmegini duruzmaýar.

Şu Kodeksde bellenilen kadalara laýyklykda jenaýat işleri barada prokuroryň beren görkezmeleri derňew bölüminiň başlygy üçin hökmandyr. Şol görkezmeler barada ýokarky prokurora şikaýat edilmegi şol görkezmeleriň ýerine ýetirilmegini duruzmaýar.

Jenaýat işleri boýunça doznaniýäni şu Kodeksiň 127-nji maddasynda sanalyp geçilen doznaniýe organlary tarapyndan ygtyýarly edilen wezipeli adamlar geçirýärler.

## Sülçiniň professional etikasy. Aýry-aýry derňew hereketleriniň taktikasynyň etiki esaslary

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan başy başlanan Täze Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyzda ýurdumyzyň birnäçe pudaklarynda uly ýeňişlere we sepgitlere ýetildi. Ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde we beýleki ugurlarda beýik ösüşler gazanyldy.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan badalga berlen ýene-de bir ulgam-bu ýurdumyzyň hukuk ulgamydyr. Dogrudan hem bu ulgamda ägirt uly işleriň başy başlanyp, kämilleşdirilýär. Taryhyň we dünýa tejribesiniň görkezişi ýaly ýurduň kanun we hukuk binýady berk bolmasa, onda ol ýurt ähli babatda döwrüň ösüşinden yza galýar. Hut şu

bellenilenlerden ugur alyp hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ilkinji özgertmeleriň hatarynda kanun-hukuk ulgamyny kämilleşdirmeklige aýratyn üns berdi hem-de bu ulgamda uly toplumlaýyn işler amala aşyryldy. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda döwrüň talabyna doly laýyk gelýän Esasy Kanunymyzyň – Konstitusiýamyzyň kämilleşen nusgasynyň kabul edilmegini görkezmek bolar.

Türkmenistanyň ösýän ykdysady we syýasy şertlerinde kanunçylygyň örän berk bolmagy zerurlykdyr. Şonuň bilen birlikde kabul edilýän we kämilleşdirilen kanunlary doly we netijeli ýerine ýetirmek, ykdysadyýeti we beýleki pudaklary sazlaşykly dolandyrmak üçin ýokary hünärli hünarmenler gerek. Döwletimiziň geljekki sosial-ykdysady ylmy-tehniki we ruhy ösüşleri şu günki hünarmenleriň hiline we öz hünärine ussatlygyna bagly.

Hünäre ussatlyk öz hukuklaryňy we borçlaryňy doly we dogry bilmekden başlanýar.

Döwlet edaralaryňdaky gullukçylaryň, aýratyn hem kanunçylygyň sazlaşykly hereketini we howpsuzlygyny üpjün edýän hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň ahlak we hünar kämilligi ýurduň ähli babatda ösüşiniň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Agzalyp geçilen adamlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän, şeýle hem olaryň işiniň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýän ýörite kanun hereket edýär. Şol kanunda:

-döwletiň öz ygtyýarlylygyny, syýasy we ykdysady bähbitlerini goramak;

- watançylyk, türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryna hormat goymak;

- ussatlyk we başarjaňlyk;

- tabşyrylan iş üçin jogapkärçilik;

- netijeli işi üpjün etmek we döwlet guramalarynyň wezipelerini olaryň ygtyýarlyklaryna laýyklykda ýerine ýetirmek;

- inisiatiwa bildirmek, karar kabul etmegi başarmak;

- raýatlara hormat bilen garamak, aragatnaşygyň ýokary medeniýetini berjay etmek;

- salyhatlylyk, dogruçyllyk, öz işiň netijelerine real we tankydy baha bermegi basarmak;

Döwlet dolandyryş, şeýle hem hukuk goraýjy edaralaryň wekilleri:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we kanunlaryny berjay etmäge;

- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň hukuknamalaryny ýerine ýetirmäge;

- ýolbasçylaryň özygtyýarlyklarynyň çäklerinde çykaran buýruklaryny, görkezmelerini berjaý etmäge;

- tabynlyk tertibinde ýokarda durýan wezipeli adamlaryň ýumuşlaryny we tabşyryklaryny ýerine ýetirmäge;

- öz wezipe borçlaryny päк ýürekden ýerine ýetirmäge;

- raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga;

- kanunda bellenen halatlarda we tertipde raýatlara öz işi hakyndaky mümkin bolan habary bermäge;

- kanun tarapyndan goralýan döwlet we gaýry syýasy syrlary saklamaga;

- şeýle hem wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly özüne mälim bolan raýatlaryň şahsy

durmuşyna, at-abraýyna we mertebesine degişli maglumatlary jar etmezlige;

- öz hünärini ýokarlandyrmaga, gulluk edebini berjaý etmäge doly borçludyrlar.

Döwlet edaralarynyň we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň şu aşakdakylara hukugy bardyr: eýeleýän wezipesi boýunça onuň hukuklaryny we borçlaryny, işiniň hiline baha bermegiň usullaryny kesgitleýän resminamalar bilen tanyşmaga, şeýle hem olaryň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan guramaçylyk tehniki şertlere;

wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan habary we maglumatlary bellenen tertipde almaga;

- öz şahsy işiniň ähli maglumatlary bilen maglumatlar şahsy işine girizilmezinden öň tanyşmaga, öz düşündirişleriňi şahsy işine çatmaga, şeýle hem döwletiň hasabyna hünärini ýokarlandyrmga.

Kanunda görkezilişi ýaly, döwletiň bu gullukçylarynyň wezipeleri hem-de hukuk ýagdaýy anyk kesgitlenen. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbasgylygynda Täze Galkynyş zamanynda hukuk ulgamynda we beýleki döwlet edaralarynda iş alyp barýan gullukçylara hemmetaraplaýyn talabyň güýçlenýändigi bu ulgamlaryň işiniň ösüşinde anyk görmek bolýar.

Adamlar döwlet gullukçysynyň ýa-da hukuk ulgamynyň işgärleriniň asyllylygy, sypaýylygy, salyhatlylygy we iş başarjaňlygy bilen tutuş döwlet dolandyrylyşy barada pikir ýöredýärler. Şulardan ugur alyp bu gullukçylaryň ahlak sypatlary barada käbir pikrler aýtsa bolar:

- hukuk goraýjy hem-de döwletiň beýleki edaralarynyň gullukçylary üçin iň esasy gymmatlyklar- adamyň mertebesidir, Watanyň gülläp ösmegidir;

- her bir işgär öz işleýän edarasynyň, zähmetiniň gadyryny bilýär, öz jogapkärgiligini ýokarlandyrýar, iş ýeriniň üstünliklerini we kemçiliklerini paýlaşmaga taýýar;

- öz käriniň ussady, ussatlygyny yzygiderli ösdürmäge ymtylýar we hünärine degişli wezipeleri netijeli ýerine ýetirýär;

- ol özüniň şahsy bähbitleriniň işe ýaramaz täsir etmegine ýol berýär;

- adamlar bilen mylakatly, sabyrly gürleşýär, meseleleri çözmekde öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýär;

- tertip-düzgüni berjaý etmekde, wezipe borçlaryny ýerine ýetirmekde görelde alarlyk, işini, ýolbaşçylaryň tabşyryklaryny wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirýär;

- ruhubelentligi, medeniýetliligi, sypaýylygy bilen tapawutlanýar;

- töweregindäkilere hoşgylawly, nurana, geplände paýyş, hapa sözleri ulanmaýar, üm bilen, beden agzalarynyň hereketi bilen gepini utgaşdyrmazlyga çalyşýar;

- döwlet hem-de gulluk syrlaryny saklamakda ähtibarly.

Ine, şu häsiýetler hukuk goraýjy hem-de beýleki döwlet edaralarynyň işgärlerine mahsus häsiýetler bolmalydyr. Bu ahlak sypatlary geljekki hukuk goraýjy we döwlet edaralarynyň gullukçylary boljak, döwletimizi dolandyrjak we ösdürjek şu günki türkmen ýaşlarynyň kalbynda hem aňynda öz ornuny tapmaly hem-de geljekde

özüniň aýdyň netijelerini bermeli. Diňe şeýle halatda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýaşlar hakyndaky, şeýle hem içeri we daşary syýasatynyň doly derejede amala aşyrylmagy üpjün ediler. Bu bolsa öz gezeginde Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine oňyn itergi berer.

Eger aýyplanýan, jenaýat edendir öýdülýän, şaýat we heläkçilik çeken hut şol sebäplere görä sorag protokolyna gol çekip bilmese, sülçi keseki adamy çagyrýar, şol adam sorag edilen adamyň beren görkezişleriniň dogry ýazylandygyny, onuň razylygy bilen, öz goluny çekip tassyklaýar. Şol protokola sorag geçiren sülçi hem gol çekýär.

Prokuror, jemgyýetçilik garalawçysy, aklawçy, jemgyýetçilik aklawçysy, kazyýet edilýän hem-de heläkçilik çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň . wekilleri protokola gol çekilenden soň 3 gije-gündiziň dowamynda protokol bilen tanyşmaga we onuň nädogrudygyny ýa-da doly däldigini görkezip, protokol barada özleriniň belliklerini bermäge haklydyrlar. Berlen belliklere başlyklyk ediji tarapyndan garalýar we ol bellikler bilen razylaşan mahalynda olaryň dogrudygyny tassyklaýar hem-de olary kazyýet mejlisiniň protokolyna goşýar.

Başlyklyk ediji berlen bellikler bilen razylaşmadyk mahalynda şol bellikler kazyýetiň işe garalan wagtyndaky düzüminde onuň serenjam mejlisiniň garamagyna berilýär, şol mejlise bellikleri beren adamlar hem gatnaşýarlar. Kazyýetiň hut şol düzümini üpjün etmek bolmadyk mahalynda, başlyklyk ediji we halk oturdaşlarynyň iň

bolmanynda biri işi garamaga gatnaşan kazylardan bolmalydyr.

Kazyýet berlen bellikleri ara alyp maslahatlaşmaga we olar boýunça öz kesgitlemesini çykarmaga borçludyr. Berlen bellikler işe goşulmalydyr.

Gözden geçiriş, öý doküş, gerekli zatlary almak, synany gözden geçirmek hereketleri we başga derňew hereketleri geçirilende, şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda, güwäler çagyrylýar. Çagyrylýan güwäler 2 adamdan az bolmaly däldir.

Güwälige işde bähbidi bolmadyk adamlar çagyrylýar. Aýyplanýan we onuň aklawçysy, jenaýat edendir öýdülýän hem-de heläkçilik çeken, raýat hak isleyjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri, şol adamlaryň ýakyn garyndaşlary, şaýatlar güwä bolup bilmez.

Güwäler derňew hereketleri geçirilende şol ýerde bolýarlar we sülçiniň geçiren hereketlerine we şol hereketleriň netijelerine protokolyň laýyk gelýändigini özleriniň goly bilen tassyklaýarlar.

Sülçiniň geçiren hereketleri we şolaryň netijeleri barada güwäniň aýdan zatlary hökman protokola ýazylmalydyr.

Şu Kodeksiň 25-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolan mahalynda, şonuň ýaly-da terjimeçiniň kompetentli däldigi ýüze çykan mahalynda, terjimeçi işe gatnaşyp bilmez. Terjimeçi hökmünde onuň işe ozal gatnaşandygy oňa otwod bermek üçin esas bolmaýar.

Terjimeçini otwod etmek hakyndaky mesele şu Kodeksiň 77-nji maddasynyň II we III böleklerinde göz öňünde tutulan tertipde çözülýär.

Şaýat sülçiniň ýanyna çagyryş haty bilen çagyrylýar, şol çagyryş hatynda: kimiň, nirä, kimiň ýanyna we haýsy wagtda gelmelidigi hem-de zerur sebäpsiz gelinmänligi üçin görüljek çäreler görkezilýär. Çagyryş hatynda şaýada dilhaty bilen gowşurylýar, çagyrylyş hatynyň gowşurylan wagty görkezilen, şol dilhaty sülçä gaýtarylyp berilýär.

Şaýat telegramma ýa-da telefonogramma arkaly hem çagyrylyp bilner.

Çagyrylýan adamyň wagtlaýynça ýok mahalynda çagyryş hatyny oňa gowşurmak üçin onuň bilen ýaşaýan masgalanyň uly ýaşly agzalarynyň garaz birine ýa-da ýaşaýyş jaýulanyş guramasyna ýa-da şaýadyň isleýän ýeriniň administrasiýaşyna, halk deputatlarynyň oba arçynlygynyň ýerine ýetiriş komitetine dilhaty almak bilen berilýär. 16 ýaşyna ýetmedik adam şaýat hökmünde çagyrylanda, özüniň ata-enesi ýa-da başga kanuny wekilleri arkaly çagyrylýar. Başga tertipde çagyrmaklyga diňe işiň ýagdaýlary talap eden mahalynda ýol berilýär.

Şaýat sülçiniň çagyrmagy boýunça bellenen möhletde hökman gelmelidir. Sülçiniň çagyrmagy boýunça saýadyň gelmänligine şu aşakdakylar zerur sebäp diýlip hasap edilýär:

• şaýadyň gelmegine mümkinçilik bermeýän kesel;

• onuň çagyryş hatyny öz wagtynda almanlygy;

• ony bellenen möhletde gelmekden hakykat ýüzünde mahrum edilýän başga ýagdaýlar.

Şaýat zerur sebäpsiz gelmedik mahalynda ol sülçiniň karary esasynda polisiýa arkaly mejbury getirdilip bilner. Şaýadyň gije mejbury getirilmegine ýol berilmeýär.

Şaýatdan deslapky derňewiň geçirilýän ýerinde sorag edilýär. Eger sülçi zerur hasap etse, şaýatdan onuň bolýan ýerinde sorag etmäge haklydyr.

Bir iş boýunça çagyrylan şaýatlardan aýry-aýrylykda sorag edilýär. Şunda sülçi sorag gutarýança olaryň biri-biri bilen habarlaşmazlygy üçin çäre görýär.

Sorag etmezden öň sülçi şaýadyň şahsyýetine gözüni ýetirýär, onuň nähili iş boýunça çagyrylandygyny oňa aýdýar, onuň aýyplanýan we heläkçilik çeken bilen gatnaşygyny takyklaýar, onuň dogry görkezişleri bermäge borçludygyny düşündirýär hem-de görkeziş bermekden ýüz dönderenligi üçin we görnetin ýalan görkezişleri berenligi üçin jogapkärgiliçini duýdurýar, munuň özi protokolda bellenýär hem-de şaýadyň goly bilen tassyklanýar.

Şaýatdan sorag etmeklik iş boýunça özüne mälim zatlaryň hemmesini gürrüň ber diýip oňa teklip etmek bilen başlanýar. Şaýat bilýän zatlaryny gürrüň berenden soň, sülçi oňa sowal berip biler. Ugrukdyryjy soraglaryň berilmegine ýol berilmeýär.

14 ýaşa ýetmedik şaýatlardan sorag edilende olaryň mugallymy çagyrylýar, ýaşy 14-den 16-a çenli bolan şaýatlardan sorag edilende sülçi öz garamagy boýunça mugallymy çagyryp biler. Zerur bolan mahalynda kemala gelmedik adamyň kanuny wekilleri ýa-da onuň ýakyn garyndaşlary hem çagyrylýar.

Şol adamlar sülçiniň rugsat etmegi bilen saýada sorag berip bilerler. Sorag gutarandan soň, olar şaýadyň beren görkezişleriniň sorag protokolynda dogry ýazylandygyny öz gollary bilen tassyklaýarlar.

Sülçi 16 ýaşyna ýetmedik şaýatlara diňe dogry geplemelidigini düşündirýär, emma görkeziş bermekden

ýüz dönderenligi ýa-da boýun towlanlygy üçin we görnetin ýalan görkezişleri berenligi üçin jogapkärgilige çekilýändigi olara duýdurylmaýar.

Sülçi şaýatdan her gezek sorag edilende protokol düzýär, şol protokolda şaýatdan edilen soragyň başlanan we gutaran wagty, onuň familiýasy, ady we atasynyň ady, ýaşy, işleýän ýeri, wezipesi, partiýalylygy, ýaşaýan ýeri we şaýadyň we aýyplanýan bilen hem-de heläkçilik çeken bilen gatnaşygy görkezilýär we şaýadyň borçlarynyň we görkeziş bermekden boýun gaçyranlygy ýa-da ýüz dönderenligi üçin hem-de görnetin ýalan görkezişleri berenligi üçin jogapkärçiliginiň oňa düşündirilendigi bellenýär, soňra protokola şaýadyň beren görkezişleri, oňa berlen sowallar we onuň beren jogaplary beýan edilýär.

Şaýadyň görkezişleri we sülçi tarapyndan berilýän sowallara onuň jogaplary protokolda 1-nji ýöňkemede we mümkingadar sözme-söz ýazylýar.

Şaýat haýyş eden mahalynda, ondan sorag edilenden soň, onuň öz görkezişlerini hut öz eli bilen ýazmagyna rugsat berlip bilner, munuň özi protokolda bellenýär. Görkezişlere şaýat we sülçi gol çekýär.

Sülçi şaýadyň hut öz eli bilen ýazyp beren görkezişleri bilen tanşyp bolandan soň, oňa goşmaça sowallary berip biler. Şol sowallar we olara berlen jogaplar protokola ýazylýar.

Sorag gutarandan soň, protokol okamak üçin şaýada berilýär ýa-da şaýadyň haýyşy boýunça sülçi protokoly oňa okap berýär. Şaýat protokolyň üstüniň ýetirilmegini we oňa düzedişleriň girizilmegini talap etmäge haklydyr. Şol goşmaçalar we düzedişler hökman protokola ýazylmalydyr. Şaýat protokoly okandan soň, görkezişleriň dogry

ýazylandygyny tassyklaýar, Bu hakda protokolda şaýat gol çekmezden öň bellik edilýär.

Şaýat protokola gol çekmezden öň protokoly onuň hut özüniň okandygy ýa-da protokolyň sülçi tarapyndan okalyp berlenligi hem protokolda bellenilýär.

Protokola şaýat we sülçi gol çekýär. Eger protokol birnäçe sahypadan ybarat ýazylan bolsa, şaýat her bir sahypa aýratynlykda gol çekýär.

Eger şaýatdan sorag etmeklik terjimeçiniň gatnaşmagy bilen geçirilýän bolsa, terjimeçä öz borçlarynyň düşündirilendigi we görnetin ýalan terjime edilendigi üçin jogapkärçiligiň duýdurylandygy protokolda görkezilmelidir, munuň özi terjimeçiniň goly bilen tassyklanýar. Şaýadyň terjimeçä otwod bermek hukugynyň oňa düşündirilendigi we şu mynasybetli şaýadyň aýdan sözleri hem protokolda bellenýär.

Terjimeçi protokolyň her bir sahypasyna we tutuş protokola gol çekýär. Şaýat protokolyň dilden aýdylan terjimesiniň öz beren görkezişlerine laýyk gelendigini protokolyň ahyryna gol çekmek bilen tassyklaýar. Eger sorag protokoly başga dilde hat ýüzünde terjime edilen bolsa, tutuş terjimä we onuň her bir sahypasyna terjimeçi we şaýat gol çekmelidir.

Heläkçilik çekeni çagyrmak we ondan sorag etmek şu Kodeksiň 156-160-njy maddalarynda bellenen tertipde geçirilýär. Sülçi sorag etmezden öň heläkçilik çekeniň şu Kodeksiň 54-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny oňa düşündirýär, munuň özi ondan edileri sorag protokolynda bellenýär.

Beren görkezişleri biri-biriniň aýdanyna gaty ters gelýän adamlary sülçi ýüzleşdirmäge haklydyr. Bir wagtyň özünde diňe ozal sorag edilen 2 adam ýüzleşdirilýär.

Ýüzleşdirýän wagtynda sorag etmäge girişende sülçi ýüzleşdrilýän adamlardan olaryň biri-birini tanaýandygyny ýa tanamaýandygyny we öz aralarynda nähili gatnaşyklardadyklaryny soraýar. Soňra ýüzleşdirmegiň netijesinde aýdyňlaşdyrylmaly ýagdaýlar barada görkeziş bermek şol adamlara gezekli-gezegine teklip edilýär.

Sülçi görkezişler berlenden soň, sorag edilýänleriň her birine sowal berip biler. Ýüzleşdirilýän adamlar sülçiniň rugsat etmegi bilen biri-birlerine sowal berip bilerler, munuň özi protokolda bellenýär.

Ýüzleşdirmeklige gatnaşyjylaryň ozalky edilen soraglaryň protokollarynda beýan edilen görkezişlerini yglan etmeklige, sonuň ýaly-da şol görkezişleriň ses ýazgysyny aýtdyryp eşitdirmeklige diňe olar görkezişleri ýüzleşdirmekde berenlerinden we şol görkezişler protokola ýazylandan soň ýol berilýär.

Ýüzleşdirmek protokolynda sorag edilýän adamlaryň görkezişleri şol görkezişleriň berlişi ýaly gezek tertibinde ýazylýar. Ýüzleşdirilenleriň her biri öz beren görkezişlerine gol çekýär.

Eger ýüzleşdirmeklige şaýat ýa-da heläkçilik çeken gatnaşýan bolsa, görkeziş bermekden ýüz dönderenligi üçin we görnetin ýalan görkezişleriň berenligi üçin jogapkärçilik olara duýdurylmalydyr, munuň özi protokolda bellenýär.

Sülçi zerur bolan mahalynda adamy ýa-da zady şaýada, heläkçilik çekene, jenaýat edendir öýdülýäne ýa-da aýyplanýana tanamak üçin görkezip biler. Tanajak adamlaryň degişli adamy ýa-da zady nähili ýagdaýlarda

görendikleri hakynda we olaryň şol adamy ýa-da zady haýsy alamatlar we aýratynlyklar boýunça tanap biljekdikleri hakynda olardan ilki sorag edilýär.

Tanaljak adam özi bilen birlikde azyndan 3 adam edilip, tanajak adama görkezilýär, görkezilýän adamlar daş görnüşi, ýaşy we geýim-eşigi boýunça biri-birlerinden gaty tapawutlanmaly däldir. Görkezmek başlamazdan öň, tanaljak adama görkezilýän adamlaryň arasyn-da islän ýerinde duruber diýlip teklip edilýär, munuň özi protokolda bellenýär. Zat görkezilende, birkysymly zatlaryň başga-da bir toparynyň arasy bilen görkezilýär. Görkezilýän adamlar ýa-da zatlar topary mümkingadar fotografirlenýär.

Adamy tanamak üçin görkezmek mümkin bolmadyk mahalynda ony tanatmak üçin azyndan 3 sany başga fotosurat bilen birlikde onuň fotosuratyny hem görkezmek bolar.

Eger tanamak üçin şaýada ýa-da heläkçilik çekene görkezilýän bolsa, bulara görkeziş bermekden ýüz dönderendikleri üçin we görnetin ýalan görkezişleri berendikleri üçin jogapkärdikleri duýdurylýar, munuň özi protokolda bellenýär hem-de şaýadyň ýa-da heläkçilik çekeniň goly bilen tassyklanýar.

Tanajak adam haýsy adam ýa-da zat hakynda görkeziş beren bolsa, oňa şony görkezmeklik teklip edilýär. Ugrukdyryjy soraglaryň berilmegine ýol berilmeýär. Eger tanaýan adam görkezilen adamlaryň birini ýa-da zatlaryň birini görkezen bolsa, onuň şol adamy ýa-da zady haýsy alamatlary ýa-da aýratynlyklary boýunça tanaýandygyny düşündirmegi oňa teklip edilýär. Tanamak üçin görkezmek güwäleriň bolmagynda geçirilýär.

Adamyň ýa-da zadyň tanamak üçin görkezilendigi hakynda we onuň netijeleri hakynda protokol düzülýär, şol protokolda tanaýan adamyň şahsyýeti hakyndaky, tanaýan adama tanamak üçin görkezilen adamlar we zatlar hakyndaky maglumatlar görkezilýär, tanamaklygyň haýsy nyşanlar we alamatlar boýunça geçirilendigi jikme-jik beýan edilýär.

Protokola tanamaklygyň geçirilmegine gatnaşan adamlaryň hemmesi, güwäler we sülçi gol çekýärler. Eger tanatmak üçin görkezilen adamlar ýa-da zatlar fotografirlenen bolsa, fotosuratlar protokola ýabsyrylýar.

Jenaýatyň yzlaryny we beýleki maddy subutnamalary ýüze çykarmak, wakanyň ýagdaýyny, sonuň ýaly-da iş üçin ähmiýeti bolan başga ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmak maksady bilen sülçi wakanyň bolan ýerini, töwerekdäki ýerleri, jaýlary, zatlary we dokumentleri gözden geçirýär.

Gaýra goýmak mümkin bolmadyk halatlarda etmiş edilen ýer jenaýat işi gözgalmazdan ozal gözden geçirilip bilner. Şeýle halatlarda, munuň üçin esaslar bar bolan wagtynda, jenaýat işi etmiş edilen ýer gözden geçirilenden soň derwew gözgalýar.

Gözden geçiriş gaýra goýup bolmajak halatlardan başga halatlarda gündiz geçirilýär.

Gözden geçiriş geçirilen mahalynda, şol ýerde güwäler bolmalydyr.

Sülçi gözden geçirişe aýyplanýany, jenaýat edendir oydülýani, heläkçilik çekeni, şaýady gatnaşdyrmaga haklydyr. Zerur halatlarda gözden geçirişe gatnaşmak üçin sülçi degişli hünärmeni hem çagyryp biler. Sülçi gözden geçiriş wagtynda ölçeg, fotografirlemek, kinosýomka işini

geçirip biler, yzlaryň nusgalaryny we otüşklerini taýýarlap biler.

Sülçi gerekli zatlar alnan ýa-da öý dokülen mahalynda, wakanyň bolan ýeri, töwerekdäki ýerler we jaýlar gözden geçirilen mahalynda tapylan zatlary we dokumentleri degişli derňew hereketiniň geçirilýän ýerinde gözden geçirýär. şeýle halatda gözden geçirişiň netijeleri şol derňew hereketiniň protokolyna ýazylýar.

Eger zatlary ýa-da dokumentleri gözden geçirmek üçin uzak wagt gerek bolsa, ýa-da başga esaslar boýunça derňew hereketleriniň geçirilýän ýerinde gözden geçiriş mümkin däl bolsa, sülçi gözden geçirişi derňewiň geçirilýän ýerinde amala aşyrýar.

Sülçi meýdiň tapylan ýerinde onuň daş görnüşini gözden geçirmegi güwäleriň bolmagynda we kazyýet medisinasy boýunça hünärmen lukmanyň gatnaşmagy bilen, onuň gatnaşmagy mümkin bolmadyk mahalynda bolsa başga lukmanyň gatnaşmagy bilen amala aşyrýar. Zerur bolan mahalynda meýdi gözden geçirmek üçin başga hünärmen hem çekilýär.

Meýdi jaýlanan ýerinden çykarmak zerur bolan mahalynda sülçi bu hakda karar çykarýar. Meýit sülçiniň, güwäleri we kazyýet medisinasy boýunça hünärmen lukmanyň bolmagynda, zerur bolan mahalynda bolsa başga hünärmeniň hem bolmagynda çykarylýar.

Sülçi aýyplanýanyň, jenaýat edendir öýdülýäniň, şaýadyň ýa-da heläkçilik çekeniň synasynda jenaýatyň yzlarynyň ýa-da aýratyn alamatlaryň bardygyny hem-de şol adamlaryň fiziki ýagdaýyny takyklamak üçin, eger munda kazyýet-medisina ekspertizasy gerek bolmasa, şol adamlaryň synasyny gözden geçirmäge haklydyr.

Sülçi synanyň gözden geçirilendigi hakynda karar düzýär. Synany gözden geçirmek hakyndaky karar kim barada çykarylan bolsa, şol adam üçin hökmandyr. Synany gözden geçirmeklik güwäleriň bolmagynda amala aşyrylýar. Synany gözden geçirmek baradaky derňew hereketi synasy gözden geçirilýän adamyň ýalaňaçlanylmagy bilen geçirilýän mahalynda, bu hereket synasy gözden geçirilýän adam erkek bolsa erkek güwäleriň, aýal bolsa aýal güwäleriň şol ýerde bolmagy bilen amala aşyrylýar.

Eger synasyny gözden geçirmek şol adamy ýalaňaçlamak bilen baglanyşykly bolsa, erkek sülçi aýalyň synasy gözden geçirilen ýerde, aýal sülçi erkegiň synasy gözden geçirilen ýerde bolmaýar. Şeýle halatda synasyny gözden geçirmeklik güwäleriň bolmagynda lukman tarapyndan amala aşyrylýar. Syna gözden geçirilen mahalynda, synasy gözden geçirilýän adamyň mertebesini kemsidýän ýa-da onuň saglygy üçin howply hereketlere ýol berilmeýär.

Protokolda sülçiniň ähli hereketleri, sonuň ýaly-da gözden geçiriş we synany gözden geçiriş wagtynda ýüze çykan zatlaryň hemmesi gözden geçiriş nähili yzygiderlilik bilen geçirilen bolsa, şol tertipde we gözden geçiriş ýa-da synany gözden geçiriş pursatynda zatlar nähili ýüze çykan bolsa, şol görnüşde beýan edilýär. Gözden geçiriş ýa-da synany gözden geçiriş wagtynda alnan zatlaryň hemmesi protokola atma-at ýazylýar we beýan edilýär.

## Jenaýat kazyýet önümçiliginde hukuk we ahlak kadalary

Esasy kanunymyz bolan Konstitusiýamyzyň 3-nji maddasynda “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr” diýen bimöçber gymmatlyklaryndan ugur alyp, adam hukugyny hem-de azatlygyny goramakda, şeýle-de onuň bähbitlerine tabyn edilen döwlet, jemgyýetçilik, hususy we beýleki eýeçiliklere esaslanýan karhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň kanuny bähbitlerini üpjün etmekde Türkmenistanyň 1997-nji ýylyň iýul aýynyň 12-sine kabul edilen täze, özbaşdaklyk döwrüniň ilkinji Jenaýat bitewi kanuny uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna esaslanýar.

Dünýä birleşiginiň doly we deň hukukly agzasy bolan Garaşsyz baky Bitarap ýurdymyzyň bu milli jenaýat kanungçylygy şahsyýeti, raýatlaryň (raýatlygy bolmadyk adamlaryň, daşary ýurt raýatlaryň) hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitletini, eýeçiligi, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny we baky Bitaraplyk derejsini, konstitusion gurluşyny, parahatçylygy hem-de adamzat howpsyzlygyny her dürli jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň öňüni almak wezipelerinden ybarat bolup durýar.

Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy ýokarda belläp geçişimiz ýaly ýagny,

halkara gatnaşyklarynda hukuk esaslaryny goýýan halkara hukugynyň umumy ykrar eden ýörelgeleriniň we kadalarynyň esaslaryndan ugur almak bilen jenaýat jogapkärçiliginiň esaslaryny we ýörelgelerini berkidýär, haýsy etmişleriň jemgyýetçilik howply etmiş bolup durýandygyny kesgitleýär hem-de bu etmişleriň edilendigi üçin jenaýat jeza çärelerini we beýleki jenaýat-hukuk täsir ediş çärelerini göz öňünde tutýar. Hut şonuň uçinem jenaýat eden adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Şonda siňe bir jenaýat eden adam däl eýsem-de bu jenaýat işlerni derňeýän adamlaryň hem birnäçe hukuklary we borçlary ýüze çykýar. Şonda olaryň özlerini ahlaklý alyp barmalydyrlar, edil şonuň ýaly kazyýet edarasynyň işgärleride özlerini ahlak we edep kadalarynyň görkezişi ýaly alyp barmalydyrlar.

Her bir işe kazylaryň hut şol bir düzümi garamaly. Eger kazylaryň garaz biri mejlise gatnaşmagy dowam etdirmek mümkinçiliginden mahrum bolsa, ol başga kazy bilen çalşyrylýar we şu Kodeksiň 24-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda işi seljermek başdan başlanmalydyr. Başlyklyk ediji kazyýetiň düzüminden çykyp gitse, işi seljermek gaýra goýulýar.

Kazyýetde seljerilmegi uzak wagty talap edýän jenaýat işi boýunça kazyýetiň kesgitlemesi bilen kazyýet mejlisine zapas halk oturdaşy çagyrylyp bilner. Zapas halk oturdaşy şol işiň seljirilmeginiň başyndan başlap, kazyýet mejlisiniň zalynda bolýar we kazyýetiň düzüminden halk oturdaşy çykyp giden mahalynda onuň ornuny tutýar.

Eger çykyp giden halk oturdaşynyň ýerine gelen zapas halk oturdaşy özüniň gatnaşmazlygynda geçirilen

kazyýet hereketleriniň täzeden gaýtalanmagyny talap etmese, işi seljermek dowam etdirilýär.

Kazy şu aşakdaky halatlarda serenjam mejlisinde-de, kazyýet mejlisinde-de işe garalmagyna gatnaşyp bilmez:

1. eger ol şol iş boýunça kazyýetiň düzümine girýän beýleki kazylar bilen garyndaş bolsa;

2. eger ol heläkçilik çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi bolup duran bolsa, şol adamlaryň garaz biriniň garyndaşy ýa-da äri-aýaly, iş boýunça aýyplanýanyň garyndaşy ýa-da äri-aýaly bolsa;

3. eger ol şu işe heläkçilik çeken, şaýat, ekspert, hünärmen, terjimeçi, doznaniýe geçirýän adam, sülçi, prokuror, jemgyýetçilik garalawçysy, aklawçysy, jemgyýetçilik aklawçysy, aýyplanýanyň kanuny wekili, heläkçilik çekeniň raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň bähbitleriniň tarapyny tutujy wekili hökmünde gatnaşan bolsa;

4. eger onuň hut özüniň, onuň garyndaşlarynyň ýa-da äriniň-aýalynyň işde gös-göni ýa-da gytaklaýyn bähbitleri bar bolsa;

5. eger iş boýunça gatnaşýan adamlar kazynyň tarapgöýsüzligine şübhe döredýän başga ýagdaýlary görkezseler.

## Kazyýet edebiniň meseleleri

Birinji instansiýaly kazyýetiň aýratynlygy hökmünde bir kollegiýada hünäri we professional däl kazyýetleriň - halk oturdaşlarynyň bolmaklygy çykyş edýär. Kanuna laýyklykda oturdaşlar-öz borçlaryny ýerine ýetirenlerinde kazyýetiň ähli hukuklaryndan peýdalanýarlar. Kanun çözgütleri çykarmakda kazyýete deň hukuk berýän hem bolsa, kazyýetiň we halk oturdaşlarynyň ygtyýarlyklaryny deňleşdirmeýär. Türkmenistanyň JPK-sy kazyýet mejlisinde başlyklyk edijini-professional kazyýeti aýratyn ygtyýarlyklar bilen üpjün edýän normalary özünde jemleýär.

Başlyklyk ediji kazyýet mejlisine ýolbaşçylyk edip, kazyýet derňewini işiň ýagdaýlaryny doly, hemmetaraplaýyn we obýektiw barlanmagy üpjün etmäge, hakykaty takyklamaga gönükdirýär, garalýan işe dahyly bolmadyk zatlaryň hemmesini kazyýet seljerişinden çykaryp aýyrýar we prosesiň terbiýeçilik täsirini üpjün edýär. Diňe şu ýagdaýlarda kazyýet prosesi terbiýeçilikli häsiýete eýe bolýar. Şeýlelik bilen, kazyýet prosesine ýolbaşçylyk etmek kazyýet seljerilişini dolandyrmakdan we kazyýet mejlisinde tertibi üpjün etmekden ybaratdyr.

Prosese gatnaşyjylaryň hereketlerine ýolbaşçylyk etmek hukugy başlyklyk edijiniň kanunlary bilmekligi we olary ulanmaklygy başarmagy bilen, kazyýet derňewiň prosesdurasyny kämil ele almaklygy bilen baglanşyklydyr. Başlyklyk edijiniň hereketleri hemmetaraplaýynlyk, dolylyk we obýektiwlik, kollegiýallyk prinsipleri bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi kazyýetiň bütin düzümine sala

salmaklyga, kanuna ters bolan usullary ulanmazlyga borçly edýär.

Şu kazyýet derňewiniň, seljerişiniň demokratik prinsipleri kazyýete gatnaşyjylaryň hakyky hukuklarynyň amala aşyrylmagyna amatly şertleri döredýär.

Başlyklyk edijiniň işi birnäçe hereketlerden ybaratdyr: kazyýet mejlisiniň taýýarlaýyş bölümindäki işi- kazyýet mejlisini açmak we işi yglan etmek, terjimeçä hukuklaryny düşündirmek we ony nädogry terjime edeni üçin jogapkärçilik barada duýdurmak, sorag edilen şaýatlaryň sorag edidmedik şaýatlar bilen gepleşmezligini üpjün etmek, kazyýet edilýäniň şahsyýetini anyklamak we oňa aýyplaw netijesiniň gowşurylan wagtyny bilmek, kazyýetiň düzümini yglan etmek we otwod bermäge hukugy, düşündirmek, kazyýet edilýäne, jebir çekene, graždan talapça we jogapça, eksperde, hünärmenlere hukuklaryny düşündirmek, haýyşnama barada kazyýete gatnaşyjylardan sorag etmek.

Kazyýet derňewiniň dowamynda başlyklyk ediji her bir kazyýet edilýän oňa bildirilýän gününiň düşnüklidini barada soraýar we öz günäsini boýun alýandygyny ýa-da almaýandygyny soraýar, oňa bildirilýän günä boýunça görkezme bermegini talap edýär /288madda/ şaýadyň şahsyýetini anyklaýar, oňa hukuklaryny düşündirýär, ony görkezme bermese, ýa-da bilkastlaýyn ýalan görkezme berse jogapkärçilik barada dil hat alynýar /291m/ ilki kazyýet edilýänleri, jebir çekenleri, şaýatlary sorag edýär /292 m./ kazyýet seljerişine gatnaşyjylara eksperde ýazmaga sowallary bermekligi tekdip edýär /301m/; kazyýet derňewi gutarmazyndan öň kazyýeta gatnaşyjylarda kazyýet derňewine goşjak-aýyrjak

zatlarynyň bardygy ýa-da ýokdugy barada soraýar /304m/; kazyýet derňewini gutaran diýip yglan edýär /304m/.

Eger kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşýan adamlar özleriniň sözlerinde garalýan işiň çäklerinden çykýan bolsalar, onda başlyklyk ediji olaryň sözlemegini goýdurmaga haklydyr /305m/.

Başlyklyk ediji kazyýetde çykyp geplemeler gutarandan soň, kazyýet edýäne ahyrky sözüni berýär. Emma, başlyklyk ediji kazyýet edilýän garalýan işe dahylly bolmadyk ýagdaýlara gatnaşýan ýa-da ýokkuş sözleri aýdýan mahalynda onuň sözlemegini goýdurmaga haklydyr /306m/, kazyýet höküm çykarmak uçin maslahat otagyna gidýär: başlyklyk ediji muny kazyýet mejlisiniň zalyňdakylara yglan edýär /307madda/.

Kazyýet derňewiniň gatnaşyjylarynyň jenaýat-prosessual normalary berjaý edişine gözegçilik etmek başlyklyk edijiniň esasy wezipesidir. Prosese gatnaşyjylar onuň bilen sanaşmaly däldirler. Eger olaryň başlyklyk edijä närazylygy ýüze çyksa, onda ol kazyýet mejlisiniň protokolynda beýan edidmelidir.

Kazyýet mejlisinde başlyklyk edijiniň tertibi üpjün etmek baradaky işi prosessual normalaryň berjaý edilmegine ýol berýär, prosese gatnaşyjylaryň işlemegi üçin amatly şertleri döredýär, şu hem kazyýet seljerişiniň ahlak başlangyçlarydyr.

Kanun başlyklyk edijiniň ygtyýarlyklaryny takyk kesgitleýär. Eger işi onuň ýene özi çözüp bilmese, onda ony oturdaşlaryň gatnaşmagynda çözýärler.

Başlyklyk edijiniň etikasy onuň bütin kazyýetiň düzüminiň we şol sanda özüniň işiniň kanunylygyna seretmegi bilen baglanyşyklydyr. Kazyýete gatnaşyjylaryň

kazyýetiň düzümine we onuň başlygyna, olaryň işiniň adyldygyna we kanunylygyna ynamy bolmalydyr.

Munuň özi raýatlarda kanuna bolan hormaty oýarýar, adyl kazyýetiň we raýatlaryn hut özüniň hukuk medenietiniň ösmegine ýardam berýär.

Belli rus ýuristi A.F.Koni "Jenaýat prosesinde ahlak başlangyçlary" diýen işinde şeýle ýazýar: "...jemgyýetçilik pikiriniň kazyýetýete bolan gatnaşygy umuman aýdanyňda olaryň amala aşyrýan kazyýetiniň häsiýetini hem suratlandyrýar" /M.1966 t.T s.29/

Kazyýet seljerişiniň açyk we dilden bolmaklygy kazyýet mejlisinde kazyýetýetleriň raýatlar bilen yzygiderli gatnaşyk etmegini öz içine alýar. Kanunyň normalary her halda prosese gatnaşyjylaryň, şol sanda başlyklyk edijiniň özüni alyp barşyny kesgitlemeýär. Şunuň üçin, il birinji nobatda özüni alyp barmaklygyň rugsat berlen derejesini kesgitlemelidir. Ol hem özüni hem prosese gatnaşyjylary düzgünleşdirmelidir.

Munuň özi başlyklyk edijiniň syýasy, ahlak taýdan bişen adam bolmaklygynda, ýokkary professional ussatlygynda, adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň wajyplygyna onuň düşünmekliginde mümkindir.

Ýokarda biz başlyklyk edijiniň kazyýet mejlisindäki etikasy barada gürrüň etdik. Häzir bolsa gürrüň kazyýetýetleriň, şonuň ýaly-da oturdaşlaryň etikasy barada bolar. Olaryň adyl kazyýetligi amala aşyrmagy şu aşakdakylarda öz beýanyny tapýar: birinjiden,kazyýet derňewiniň .hemmetaraplaýyn doly we obýektiw bolmaklygyny üpjün etmek we esaslandyrylan, adyl çözgütleri kabul etmek; ikinjiden, halkyn döwletiň iň wajyp

işiniň pudagy-kazyýet işine gözegçilik etmegi /bu üçünji häkimiýet/.

Halk oturdaşlary maddy we prosessual kanunçylygyň esasy başlangyçlaryny, prinsiplerini bilmelidirler. Çünki olar kazyýet edilýäne bildirilýän jenaýata baha bermäge, jeza çäresini bellemäge gatnaşýarlar.

Ýörite ýuridiki bilimiň bolmazlygy, esasan hem täze saýlanan oturdaşlarda olaryň inisiatiwasyny ilkibaşda gysýar.

a) Aýyplanýany kazyýete bermek stadiýasyndaky kazyýetiň işi. Oturdaşlar aýyplanýany kazyýete bermek baradaky işler boýunça; kämillik ýaşyna ýetmedik işi boýunça, şonuň ýaly-da eger kazyýetýe aýyplaw netijesi bilen razylaşmaýan bolsa, ýa-da öňüni alyş çäresini üýtgetmeli bolsa gatnaşýarlar. Oturdaşlar hökman iş bilen tanyş bolmalydyrlar we ol işiň kazyýetde seljerilmäge degişlidigini ýa-da däldigini özleriçe çözýärler. Munuň özi etiki we ahlak taýdan düşündirilýär.

Ikinji etiki pursat hem oturdaşlar kazyýete bermek stadiýasynda iş bilen tanşyp, aýyplanýanyň günälidigi barada öňünden karara gelmeýärler. Muny etmeklik gadagan. Serenjam beriji mejlise prokuror gatnaşýar. Oturdaşlar oňa iş boýunça sorag berip bilýärler. Şonuň ýaly-da olar kazyýetýe sorag berip bilýärler. Takyklyk!

Indiki etiki prinsip hem serenjam beriji mejlisiň kesgitnamasy maslahat jaýyndan çykarylýar, oturdaşlar bolsa, ol barada öz pikirlerini aýdyp bilýärler.

b) Kazyýet mejlisiniň taýýarlaýyş böleginde kazyýetiň wezipesi kazyýet derňewini geçirmek üçin şertleri döretmekden we subutnamalary derňemeklige taýýarlygy barlamakdan ybaratdyr. Şu stadiýada birnäçe

hereketleri ýerine ýetirmeklik işiň düýp mazmuny bilen beglanyşykly bolman, eýsem prosessual formanyň we kesgitli yzygiderligiň belk üpjün edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin, şeýle hereketler esasan kazyýyet tarapyndan amala aşyrylýar. Ýöne bu ýerde oturdaşlar hem el gowşuryp oturmaly däldirler. Olaryň işjeňligi esasan şu aşakdaky soraglary çözmekde ýüze çykýar:

-Kazyýet derňewine gelmedikleriň bolmazlygynda kazyýetde seredip bolarmy diýen sorag çözülende;

-kazyýete, kazyýet mejlisiniň kätibine, prokurora, eksperta, hünärmene, terjimeçä otwod berlende.

Prosese gatnaşyjynyň her bir haýyşnamasy ýa-da teklibi ol barada kesgitleme çykarmazdan öň deslap kazyýetiň düzümi tarapyndan maslahatlaşylmalydyr. Bu ýerde her bir kazyýetden pikiri soralýar, eger oturdaş bildirlen haýyşnama boýunça öz pikirini aýtmasa onda bu morala ters bolar.

Kazyýet öz inisiatiwasy boýunça kazyýet mejlisine täze şaýatlary çagyrdyp bilýär, täze subutnamalary goşmaça alyp bilýär, ekspertiza belläp bilýär we ş.m. Şu prosessual hereketleri amala aşyrmakda her bir kazyýet gatnaşmalydyr.

Türkmenistanyň JPK-si kazyýetiň düzümini yglan etmekligi talap edýär, emma ol hereketiň formasyny konkretleşdirmeýär. Adatça başlyklyk ediji kazyýetleriň familiýalaryny agzap geçmek bilen oňýar we kazyýetiň düzümine otwod barmy diýip sorap geçýär. Emma JPK 25 m. laýyklykda otwod bermäge esaslary we wagty düşündirmeli. Munuň özi oturdaşlary özleriniň özüne otwod bermäge mümkinçiliginiň bolmagy üçin edilýär. Bu

ýerde olar etiki normalardan ugur almalydyrlar. Eger otwod bermäge esas bar bolsa, emma oturdaş otwod bermese, onda ol moral taýdan ýalňyş hereket edýär.

Kazyýet hünärmenlerini terbielemekde kazyýet etikasynyň soraglaryna uly üns bermeli.

Adyl kazyýetlikde kazyýetýetleriň aragatnaşygynyň etikasy we olaryň ahlak düşünjesi aýratyn mana eýe bolýar. Adyl kazyýetligiň maksady günäkäre diňe bir jezany ulanmak däl-de, eýsem ony we beýleki raýatlary kanuna we jemgýetçilik durmuşyna hormat goýmaklykda terbielemelidir. Mälim bolşy ýaly, hökümiň mejbur ediji güýji däl-de, eýsem onuň abraýy, ynandyryjylygy, adyllygy, kazyýet derňewiniň ahlak atmosferasy terbieleýär.

Adyl kazyýetlik prosese gatnaşyjylaryň arasynda, olaryň we jemgýetiň arasynda çylşyrymly moral gatnaşyklary döredýär. Şonuň üçin, prosese gatnaşyjylaryň aragatnaşygynyň etikasyny öwrenmeklik rekomendasiýalary işläp düzmeklik kazyýet prosesiniň terbieleýjilik häsiýetini, kazyýet işiniň medeniýetini ýokary galdyrmalydyr.

Adyl kazyýetlik amala aşyrlanda döreýän moral gatnaşyklar professional etikanyň ähli görnüşlerine degişli bolan elementleri, özünde saklaýarlar. (Meselem, zähmete garaýyş). Ýöne ýuristiň professional etikasy jemgyýet tarapyndan uly moral talaplary talap edýär.

## Jenaýat we raýat kazyýet önümçiliginiň ahlak başlangyçlaryny medeniýetli üpjün etmek

Ösuş-özgerişleriň täze ýoluna düşen eziz Watanymyz, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň at-abraýy, mertebesi günsaýyn beýgelýär, şan-şöhraty barha artýar. Beýik Galkynyş zamanasynda ýurduň ähli tarapdan ösmegini ýola goýan hormatly Prezidentimiz döwletiň kanunçylyk binýadynyň hasda berkemegi, kämilleşmegi, hereket edýän we kabul edilýän kanunlaryň halkara hukuk kadalaryna laýyk gelmegi üçin yzygiderli aladalary edýär. Soňky bir ýylyň içinde ýurdumyzda kabul edilen kanunlardyr hukuknamalary aýdylanlara doly şaýatlyk edýär. Kanunlary kämilleşdirmek, olara halkara kadalaryna laýyk gelýän goşmaçalary ýa-da üýtgeşmeleri girizmek, zerur halatlarda täze kanunlary kabul etmek ýaly derwaýys meseleleri hormatly Prezidentimiz hiç wagt ünsden düşürmeýär.

Biziň mizemez binýady adalatdan, agzybirlikden, jebislikden, ynsanperwerlikden tutulan Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň Baş Kanunynda -Konstitusiýasynda “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr diýlip kepillendirilendir. Bu barada hormatly Prezidentimiz şeýle belläp geçýär:

- Biziň hukluk döwletimizde kanun mizemezdir we ähli zatdan ileri tutulýandyr. Bizde hemme adam kanunyň öňünde deňdir we kanun taýdan goralmaga deň derejede hukuklydyr. Adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny, onuň kanuny bähbitlerini goramak türkmen jemgyýetiniň baş ýörelgesidir.

Jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik işi diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

Kazyýetiň hökumi bolmasa hiç kim jenaýat etmekde günäkär hasap edilip, şeýle hem jenaýat jezasyna çekilip bilinmez.

Jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik işi özleriniň gelip çykyşyna, sosial we emläk ýagdaýyna, jynsyna we milletine, aýal-erkekligine , bilimine, diline, diňe garaýşyna, käriniň nähilidigine we häsiýetine, ýaşaýan ýerine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, raýatlaryň kanun we kazyýet öňünde deňligi esasynda amala aşyrylýar.

Jenaýat işlerine hemme kazyýetlerde kanun boýunça bellenen tertipde saylanan kazylar we halk oturdaşlary tarapyndan garalýar.

Birinji instansiýaly kazyýetleriň hemmesinde jenaýat işlerine garamak kazydan we iki sany halk oturdaşyndan ybarat düzüminde geçirilýär.

Halk oturdaşlary adyl kazyýetlik amala aşyrylan mahalynda kazynyň hemme hukuklary ýaly hukuklardan peýdalanýarlar. Halk oturdaşlary işe garalanda we höküm çykarylanda ýüze çykýan ähli meseleleri çözmekde kazyýet mejlisinde başlyklyk edýän bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar.

Işe kassasion tertipde garamak kazyýetiň üç agzasyndan ybarat düzüminde, gözegçilik tertibinde garamak bolsa kazyýetiň azyndan üç agzasyndan ybarat düzüminde geçirilýär.

Jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik işi amala aşyrylan wagtynda kazylar we halk oturdaşlary garaşsyz bolup, diňe kanuna tabyndyrlar.

Kazylar we halk oturdaşlary jenaýat işlerini kanun esasynda, hukuk düşünjesine laýyklykda, kazyýetlere keseden täsire ýol goýmaýan şertlerde çözýärler.

Türkmenistanda kazyýet işini ýöretmek türkmen dilinde ýa-da şol bir ýeriň ilatynyň köplüginiň dilinde alnyp barylýar.

Kazyýet işiniň ýöredilýän dilini bilmeýän işe gatnaşýan adamlar üçin ene dilinde beýannama aýtmak, görkeziş, bermek, haýyşyny aýtmak, işiň ähli materiallary bilen tanyşmak, kazyýetde çykyş etmek hem-de şu Kodeksde bellenen tertipde terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmak hukugy üpjün edilýär. şu Kodeksde bellenen tertibe laýyklykda derňew we kazyýet dokumentleri aýyplanýana onuň ene diline ýa-da onuň bilýän başga diline terjime edilen görnüşde gowşurylýar.

Döwletiň gizlin syryny goramak bähbitlerine ters gelmeýän mahalynda hemme kazyýetlerde işleri seljermek açyk alnyp barylýar.

Mundan başga-da, işe gatnaşýan adamlaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen, 16 ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça, zyna sebäpli jenaýatlar hakyndaky işler boýunça hem-de başga işler boýunça kazyýetiň delillendirilen kesgitlemesi bilen ýapyk kazyýet seljerişine ýol berilýär.

Kazyýetiň ýapyk mejlisinde işleri diňlemeklik kazyýet işini ýöretmegiň ähli kadalarynyň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylýar. Kazyýetleriň hökümleri hemme halatlarda aç-açan jar edilýär.

Aýyplanýana özüni aklamak hukugy üpjün edilýär. Kazyýet, prokuror, sülçi, doznaniýe geçirýän adam

aýyplanýan üçin oňa ýüklenýän aýyplamalardan kanun boýunça bellenen serişdeler we usullar arkaly aklanjak bolmak mümkinçiligini üpjün etmäge hem-de onuň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

Kazyýet, prokuror, sülçi we doznaniýe geçirýän adam işiň ýagdaýlaryny hemme taraplaýyn, doly we obýektiw derňemek üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge, aýyplanýany paş edýän we aklaýan ýagdaýlary-da, onuň jojapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary-da ýüze çykarmaga borçludyrlar.

Kazyýetiň, prokuroryň, sülçiniň we doznaniýe geçirýän adamyň özleriniň subut etmek borjuny aýyplanýanyň üstüne atmaga haky ýokdur. Zorluk, haýbat bilen hem-de başga bikanun çäreler arkaly aýyplanýandan we işe gatnaşýan beýleki adamlardan görkeziş aljak bolup dyrjaşmak gadagandyr.

Kazyýet şeýle etmek üçin esaslar bar mahalynda hususy kesgitleme (karar) çykaryp, onuň üsti bilen döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň ünsüni kanunyň bozulmagynyň iş boýunça belli edilen faktlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere çekýär.

Hususy kesgitleme (karar) doznaniýe, deslapky derňew geçirilende ýa-da işe aşaky kazyýet tarapyndan garalanda raýatlaryň hukuklarynyň bozulandygy hem-de kanunyň beýleki bozulmalaryna ýol berlendigi kazyýet tarapyndan ýüze çykarylan mahalynda hem çykarylyp bilner.

Kazyýet özüniň hususy kesgitlemesi (karary) bilen aýry-aýry raýatlaryň önümçilikde ýa-da durmuşda özlerini nädogry alyp barýandygyna ýa-da olaryň öz jemgyýetçilik borjuny bozýandygyna jemgyýetçilik guramalarynyň we zähmetkeşler kollektiwleriniň ünsüni çekmäge haklydyr. Zerur halatlarda hususy kesgitlemänin (kararyň) kopiýasy ýoldaşlyk kazyýetine iberilip bilner.

Eger kazyýet zerur diýip hasap etse, kazyýet seljerişiniň materiallary boýunça beýleki halatlarda hem hususy kesgitleme (karar) çykarmaga haklydyr. Kazyýet özüniň hususy kesgitlemesi (karary) bilen raýatyň öz jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetiren mahalynda ýokary duşünjelik, edermenlik görkezip, jenaýatyň öňüni almaga ýa-da üstüni açmaga ýardam edenligini degişli kärhananyň, edaranyň ýa-da guramanyň dykgatyna ýetirip biler. Hususy kesgitleme (karar) boýunça bir aýdan gijä goýulman zerur çäreler görülmelidir hem-de onuň netijeleri barada hususy kesgitleme (karar) çykaran kazyýete habar berilmelidir.

Eger jenaýat işini ýöretmekde kazynyň, halk oturdaşynyň, prokuroryň, sülçiniň, doznaniýe geçirýän adamyň, kazyýet mejlisiniň kätibiniň, ekspertiň, hünärmeniň we terjimeçiniň işde şahsy, gös-göni ýa-da gytaklaýyn bähbidi bar bolsa, olar şol işi ýöretmeklige gatnaşyp bilmezler we olar otwoda degişlidirler.

Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazyýet işine gözegçiligi Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti kanun boýunça bellenen çäklerde amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň kazyýet işine gözegçiligi amala aşyrýar.

Jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmekde Türkmenistanyň kanunlarynyň takyk hem-de birmeňzeş

ýerine ýetirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş Prokurory hem-de aşaky prokurorlar amala aşyrýarlar.

Prokuror jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmegiň ähli stadiýalarynda kanunyň kim tarapyndan bozulýandygyna garamazdan, kanunyň her hili bozulmaklaryny ýok etmek üçin kanunda göz öňünde tutulan çäreleri öz wagtynda görmäge borçludyr.

Jenaýat boýunça kazyýet işini ýöretmekde prokuror öz ygtyýarlaryny hiç hili organlara hem-de wezipeli adamlara Garaşsyzlykda diňe kanuna tabyn bolmak we Türkmenistanyň Baş Prokurorynyň görkezmelerini goldanmak bilen amala aşyrýar.

Prokuroryň kanuna laýyklykda çykaran kararlaryny ýerine ýetirmek ähli kärhanalar, edaralar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmandyr.

Kazyýetleriň, prokurorlaryň, sülçüleriň we doznaniýe organlarynyň daşary ýurt döwletleriniň degişli edaralary bilen habarlaşmaklarynyň tertibi, şonuň ýaly-da şol edaralaryň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň Kanunlary hem-de Türkmenistanyň degişli döwletler bilen baglaşan halkara şertnamalary boýunça kesgitlenýär.

Daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan edilen jenaýatlar hakynda kazyýet işini ýöretmeklik Türkmenistanyň territoriýasynda şu Kodeksiň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Diplomatik el degrilmesizlik hukugy bolan adamlar barada şu Kodeksde göz öňünde tutulan prosessual hereketler diňe olaryň haýyşy boýunça ýa-da olaryň razylygy bilen geçirilýär. Şeýle hereketleri geçirmäge razylyk Daşary işler ministrliginiň üsti bilen soralýar.

Şu Kodeksde bar bolan atlaryň aşakdaky manysy bardyr:

“Kazyýet” - Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, welaýat kazyýeti, Aşgabat şäher kazyýeti, etrap (şäher) halk kazyýetleri, harby tribunallardyr;

“Birinji instansiýaly kazyýet” - iş boýunça höküm çykarmaga ygtyýarly kazyýetdur;

“Kassasion instansiýa” - birinji instansiýaly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik hökümleri we kesgitlemeleri hem-de kazylaryň kararlary baradaky protestler boýunça işlere kassasion tertipde garaýan kazyýetdir;

“Gözegçilik instansiýa” - kanuny güýjüne giren hökümler, kesgitlemeler we kararlar baradaky protestler boýunça işe gözegçilik tertibinde garaýan kazyýetdir;

“Kazy” - halk kazysy, kazyýetiň başlygy, başlygynyň orunbasary, agzasy, halk oturdaşydyr; “Prokuror” - Türkmenistanyň Baş Prokurory, welaýatlaryň prokurorlary, Aşgabat şäheriniň prokurory, etrap we şäher prokurorlary, harby we ulag prokurorlary”, olaryň orunbasarlary we kömekçileri, prokuraturalaryň bölümleriniň we uprawleniýeleriniň öz kompetensiýasynyň çäklerinde hereket edýän prokurorlardyr;

6a) “Derňew bölüminiň başlygy” - içeri işler, döwlet howpsuzlygy organlarynyň derňew uprawleniýesiniň, bölüminiň başlygydyr hem-de onuň öz kompetensiýasynyň çäklerinde hereket edýän orunbasarlardyr;

“Sülçi” - prokuraturasynyň sülçüsi, içeri işler organlarynyň sülçüsi, döwlet howpsuzlygy organlarynyň sülçüsi; “Wekil” - jenaýat boýunça kazyýet işi ýöredilýän wagtynda heläkçilik çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat

jogap berijisiniň kanuny bähbitleriniň tarapyny tutmaga ygtyýarly edilen adamdyr;

“Kanuny wekiller” - aýyplanýanyň ýa-da heläkçilik çekeniň ene-atasy, perzentlige alyjylary, hossarlary, howandarlarydyr, aýyplanýana ýa-da heläkçilik çekene howandarlyk edýän edaralaryň we guramalaryň wekilleridir;

“Ýakyn garyndaşlar” - ene-atalar, çagalar, perzentlige alyjylar, perzentlige alnanlar, süýtdeş doganlar we uýalar, ata-baba, ene-mama, agtyklar hem-de är-aýaldyr;

“Höküm” - kazyýet edilýäniň günäkärdigi ýa-da bigünädigi hakyndaky we şol barada jezany ulanmalydygy ýa-da ulanmaly däldigi hakyndaky mesele barada birinji instansiýaly kazyýetiň çözgüdidir;

“Kesgitleme” - jenaýat boýunça kazyýet işi ýöredilen wagtynda birinji instansiýaly kazyýetiň hökümden başga çykaran her bir çözgüdidir; kassasion instansiýanyň her bir çözgüdidir; kazyýetiň kanuny güýjine giren hökümlerine, kesgitlemelerine we kararlaryna ýaňadan garalan wagtynda Türkmenistan Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri baradaky kazyýet kollegiýasynyň kabul eden çözgüdidir;

“Hususy kesgitleme (karar)” - iş boýunça takyklanan kanun bozma faktlaryna, jenaýat edilmegine ýol açýan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere kazyýetiň döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň hem-de wezipeli adamlaryň ünsüni çekýän kesgitlemesidir (kararydyr);

“Karar” - kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümlerine, kesgitlemelerine we kararlaryna ýaňadan garalan wagtynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň

plenumynyň, prezidiumynyň, welaýat kazyýetiniň prezidiumynyň, Aşgabat şäher kazyýetiniň prezidiumynyň kabul eden çözgüdidir; kazynyň özbaşdak kabul eden her bir çözgüdidir; sülçiniň, doznaniýe geçirýän adamyň, prokuroryň deslapky derňewi we doznaniýani geçirýän wagtynda kabul eden çözgüdidir;

“Protokol” - şu dokumentde derňew we kazyýet hereketleriniň geçirilendigi, mazmuny hem-de netijeleri şu Kodeks boýunça bellenen tertipde tassyklanýar; “Kassasion şikaýat” - kanuny güýjüne girmedik höküm baradaky şikaýatlar;

“Hususy şikaýat” - birinji instansiýaly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik kesgitlemesi we kazynyň karary baradaky şikaýatdyr;

“Kassasion protest” - kanuny güýjüne girmedik hökümi ýatyrmak ýa-da üytgetmek

hakynda prokuroryň protestidir; "Hususy protest" - birinji instansiýaly kazyýetin kanuny güýjüne girmedik kesgitlemesi we kazynyň kanuny güýjüne girmedik karary barada prokuroryň protestidir;

“Gözegçilik tertibindäki protest” - kanuny güýjüne giren hökümi, kesgitlemäni, karary ýatyrmak ýa-da üýtgetmek hakynda kanun boýunça ygtyýarly edilen adamyň protestleridir;

“Prokuroryň zaklýuçeniýasy (netijesi)” - prokuroryň kanunda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýetde aýdýan pikiridir; täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi täzeden başlamak hakyndaky çozgütdir;

“Jenaýat kanuny” - Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksidir, Türkmenistanyň doznaniýe, deslapky derňew,

prokuratura organlary we kazyýetleri tarapyndan ulanylmaly bolan mahalynda şol kodekslerdir;

“Gijeki wagt” - ýerli wagt bilen sagat 22-den 6-a çenli bolan wagtdyr.

Işe garaýan kazyýetiň düzümine girip bilýän adamlar şol kazyýetiň düzümine diňe kanun boýunça bellenen tertipde saýlanan adamlardyr.

## Aklawçylaryň hünär edebi

1981-nji ýylyň maý aýynyň 14-däki Türkmenistanyň adwokatura hakyndaky Düzgünnamasyna /15m./ laýyklykda adwokatlar kollegiýanyň agzalary özleriniň ähli işlerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we beýleki kanunçylygynyň talaplaryny takyk we gyşarnyksyz berjaý etmelidirler, kömek sorap ýüz tutan raýatlaryň we guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin kanunda görkezilen serişdeleri we usullary ulanmaga borçlydyrlar.

Eger aklawjy ýuridiki kömek sorap ýüz tutan adamyň bähbitleriniň garşysyna başga bir adamyň bähbitlerini gorap bolsa, ýa-da şu iş boýunça kazyýet, prokuror, sülçi, döznaniýe geçirýän adam, ekspert, hünärmen, terjimeçi, şaýat, güwä hökmünde gatnaşan bolsa, şonuň ýaly-da derňewe ýa-da işiň seljerişine aklawjy bilen garyndaş bolan wezipeli adam gatnaşan bolsa, onda aklawjy ýuridiki kömek bermek baradaky haýyşy kabul etmäge hukukly däldir.

Aklawjynyň ýuridiki kömek berýän ynanyjynyň oňa aýdan maglumatlaryny aýan etmäge hukugy ýokdur.

Aklawjy moral päkligiň we özüni göreldeli alyp barmaklygyň mysaly bolmalydyr, hemişe öz bilimlerini kämilleşdirmelidir, ideýa derejesini we işjeň kwalifikasiýany ýokarlandyrmalydyr. Türkmenistanyň kanunlaryny işjeň propogandirlemelidir.

Biziň döwrümizde ýuristleriň hünärmen hökmünde we alym hökmünde professionalizmi baradaky sorag prinsipial alamatlara eýe bolýar. Biz şu wagta çenli öz islegimizi hakykata deňäp, gelmekden aramyzy üzemzok. Gynansak-da köp diplomly ýuristler talap edilýän mertebe, namys, borç ýaly düşünjelere eýe däldirler. Raýat düşünjelik, gaýduwsyzlyk, adamkärçilik, kanunyň islendik bozulyşyna garşy durmak her bir ýuristiň professional hili bolmalydyr.

Şonuň üçin adwokatlar kollegiýasyna girjek ýa-da eýýäm giren her bir ýurist özüne örän möhüm borçlary alýar. Ol bolsa, aýyplanýanyň goranmaklyga hukugynyň we beýleki ýuridiki kömek isleýänlere kepil bolup hyzmat edýär.

Kollegiýanyň agzasynyň borjy onuň professional borjy bilen we onuň bozulmagy üçin jogapkärçilik bilen aýrylmaz arabaglanyşyklydyr. ”Jogapkärçilik - bu etikanyň we hukugyň kategoriýasy bolmak bilen, ol adamyň jemgyýete /umuman adamzada/ bolan aýratyn sosial we moral – hukuk gatnaşygyny suratlandyrýar we özüniň ahlak borjunyň we hukuk normalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen häsiýetlendirilýär”.

Aklawjynyň jogapkärçiligi hukugyň talaplaryny we öz professional borjuny düşünip ak ýürek bilen ýerine ýetirmekligi, jemgyýete, döwlete, beýleki adamlara degişli öz borjuna jogapkärçilikli çemeleşmekligi aňladýar. Ähli

ýagdaýlarda professional borjuny ýerine ýetirmeklik kepili hökmünde namys, abraý, aklawjynyň reputasiýasy ýaly ahlak kategoriýalary çykyş edýär. Ol öz borçlaryny ýerine ýetirende kanunyň ahlak manysyndan oh ahlak düşünjesinden alýar.

Öz hereketleriň we onuň netijeleriniň manysyna düşünmeklik, ak ýürekli doly işe özüni bagş etmeklik, aklawjydan işiň materiallaryny çuň öwrenmekligi, ýörite edebiýaty okamaklygy, dürli güwänamalary talap edip almaklygy, hünärmenlere maslahat üçin ýüz tutmaklygy, öz pikirini anyk mazmunda we fopmada beýan etmekligi talap edýär.

Professional borç aklawja ahlak taýdan pikirlenmekligiň medeniýetini öwredýär, hünäriň kynçylyklary bilen duş gelnende ruhdan düşmezligi öwredýär, işden moral lezzet almaklyga ýol görkezýär, özüni gowy alyp barmakda kepilnama bolýar.

Aklawjynyň işiniň islendik görnüşi onuň professional borjundan aýry seredilip bilinmez. Aklawjynyň işiniň kriteriýalary we hökmany şertleri hökmünde ak ýureklilik, kanuny takyk we gyşarnyksyz ýerine ýetirmeklik görkezilýär. Onuň başga işi bikanundyr. Diňe abraýla, ýürekdeş, professional taýýarlygy bolan adam, ýurist aklawjy bolup biler. Ol talap ediji, batyr, durgunly, adalatlylyga ynamly, adamlara duýguly we hormatly garaýan adam aklawjy bolmalydyr. Onuň başga hereketi onuň professional işjeňligini aşak gaýyrýar.

Kanun /adwokatura baradaky Düzgünnama/ aklawjyny moral päkligiň, özüni göreldeli alyp barmaklygyň nusgasy hökmünde bolmaklygy borç edýär.

Eger özüň kanun barada gürläp ony bozsaň, öz maşgalaňa parhsyz garasaň şu gelşiksiz bolar.

Jenaýat prosesiniň wezipesi diňe bir jenaýatlaryň çalt we doly üstüni açmak, her bir jenaýat eden adamyň adalatly jeza almaklygy üçin günäkärleri tapmak we olara garşy kanunyň dogry ulanylmagyny üpjün etmek dälde,eýsem hiç bir günäsiz adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegine we kazyýet edilmegine ýol bermezlikdir. /Türkmenistanyň JPK-nyň 3 maddasy/. Şonuň üçin jenaýat-prosessual işiniň esasy ugurlarynyň biri ol ýa-da beýleki jenaýaty etmekde aýyplanýan adamlaryň hukuklary we kanuny bähbitlerini goramakdyr.

Jenaýat prosesinde aklamaklyk diýip, adama bildirilýän aýbyň doly ýa-da bölekleýin aýrylmagyna, ol /adamyň ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna we onuň şu iş boýunça hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goragynyň üpjün edilmegine gönükdirilen kanuna laýyk prosessual hereketlere we gatnaşyklara düşünilýär.

Türkmenistanyň jenaýat prosesinde aklamaklyk funksiýasy güman edilýäniň sorag edilip başlanan pursatynda, aýyp bildirilende, adam tutulyp saklananda, şol wagt oňa tutup saklamklygyň protokoly ýa-da öňüni alyş çäresiniň karary yglan edilen pursatynda, ýöne 24 sagadyň içinde başlaýandyr.

Deslapky derňew geçirilmedik işler boýunça aýyplanýanyň işi kazyýete berlen pursatynden başlap aklawjynyň işe gatnaşmagyna ýol berilýär. /Türkmenistanyň JŞK-nyň 50 maddasy./

Aklawjy hökmünde adwokatlar, professional soýuzlaryň we beýleki jemgýetçilik guramalarynyň wekilleri çykyş edip bilerler. Kazyýetiň kesgitlemesi

boýunça ýa-da kazyýetiň karary boýunça aklawçylar hökmünde aýyplanýanlaryň ýakyn garyndaşlary, kanuny wekilleri ýa-da başga adamlar işe gatnaşdyrylyp bilner. Ondan başga, aklamaklyk funksiýasy hökmany we fakultatiw funksiýalara bölünýär. Eger kanunda görkezilen bolsa, onda aýyplanýanyň “güman edilýäniň/ ýa-da onuň garyndaşlarynyň islegine garamazdan aklawjynyň işe gatnaşmagy hökmanydyr.

Türkmenistanyň JPK-nyň 51 maddasyna laýyklykda aklýawjynyň deslapky derwewe, döznaniýe geçirilende, kazyýet seljerişinde şu aşakdaky ýagdaýlarda hökmanydyr:

1) Kemala gelmedikleriň işi boýunça;

2) Lallaryň, kerleriň, körleriň we özleriniň fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri zerarly, özlerini goramak hukugyny amala aşyryp bilmeýän beýleki adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;

3) Kazyýet edilýän, kazyýet işi ýöredilýän dili bilmeýän mahalynda;

4) Jeza çäresi hökmünde ölüm jezasy bellenip bilinjek jenaýatlary etmekde aýyplanýan adamlaryň işleri boýunça;

5) Eger kazyýet edilýänleriň hatda biriniň-de aklawçysy bolup, kazyýet edilýänleri aklamak bähbitleriniň arasynda garşylyklar bar mahalynda;

6) Kämillik ýaşyna ýetmedik wagty jenaýat edip, döznaniýe geçirilýän wagty kämillik ýaşyna ýeten bolsa we muňa lallardan, kerlerden, körlerden başga öz hukukdaryny goramakda kynçylyk çekýän bar bolsa, özi hem döznaniýe geçirýän adam, sülçi, prokuror, kazyýet ýa-da kazyýet aklawçynyň gatnaşmagy hökman diýip tapsa;

7) Medisina häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanylýan işler boýunça;

8) Döwlet ýa-da jemgyýetçilik garalawjysynyň gatnaşýan işleri boýunça;

/Ondan başga JPK-nyň 51 maddasynyň esasynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, mallaryň, kerleriň, körleriň we beýleki fiziki ýa-da psihiki ýetmezçilikleri zerarly öz hukuklarkny gorap bilmeýänleriň işi boýunça aklawjy olar güman edilýän hökmünde sorag edilende, aýyp bildirilende, tutulyp saklananda we tutulyp saklanandygy barada protokol ýa-da öňüni alyş çäresi hakynda karar yglan edilende, özi hem 24 sagadyň içinde gatnaşmagy hökmanydyr./

Jeza çäresi hökmünde ölüm jezasy bellenip bilinjek jenaýatlary etmekde aýyplanýan adamlaryň işleri boýunça, kazyýet edilýänleriň hat-da biriniň-de aklawjysy bolup, kazyýet edilýänleri aklamak bähbitleriniň arasynda garşylyklar bar mahalynda aklawjy aýyp bildirilen pursatyndan işe gatnaşyp bilýär.

/Medisina häsiýetindäki mejbur ediş çäresi bellenilýän iş boýunça aklawjy adamyň ruhy keseliniň ýüze çykan döwründen işe gatşyp bilýär.

/Türkmenistanyň JPK-nyň 14 maddasy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň Düzgünnamalaryndan ugur alyp aýyplanýana, güman edilýäne, kazyýet edilýäne özüni aklamak üçin hukugy üpjün edýär./

Kazyýet, prokuror, sülçi, döznaniýe geçirýän adam aýyplanýan üçin oňa ýüklenýän aýyplamalardan kanun boýunça bellenen serişdeler we usullar arkaly aklanjak bolmak mümkinçiligini üpjün etmäge, hem-de onuň şahsy

we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar./

Türkmenistanyň JPK-nyň 53 maddasy aklawjyny aýyplanýany, güman edilýäni, kazyýet bolýany aklaýan ýa-da onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmak maksady bilen aklamagyň kanunda görkezilen ähli serişdelerini we usullaryny peýdalanmaga hem-de aýyplanýana zerur ýuridiki kömegi bermäge borçly edip goýýar.

/Aklawjy aklamaklygyň serişdelerini we usullaryny ulanmaklygy başarmalydyr. Eger müşderi işiň ýagdaýlaryny ýoýýan serişdeleri ulanmaklygy talap edýän bolsa, onda aklawjy ony ulanmaly däldir. Ýöne, ne kanun, ne-de etiki normalar aklawja özüne edil kazyýetde ýaly garamaklyga esas bermeýärler. /Ol güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýet edilýäniň özüniň goragyna mynasypmy ýa-da dälmi diýen soragy çözüp bilmeýär. Çünki, kanuna laýyklykda ähli güman edilýänleriň, aýyplanýanlaryň we kazyýet edilýänleriň aklanmaga hukuklary bardyr we aklamaklyk nähili kyn bolsa, ol şonça-da ol adamlara zerurdyr/ Ýöne, şunda hem, aklawjynyň ahlak borjy öz beýanyny tapýar. /

3. “Kolliziýa” aklamaklygyň problemalary. Kolliziýalara düşünje we

olaryň görnüşleri.

/Eger ensiklopediýa sözlügine ýüz tutup görsek, onda esteti kada “kolliziýa” sözi bähbitleriň çaknyşygyny, içki emosional ýa-da intellektual gapma-garşylygy ýa-da başga söz bilen aýdanymyzda garaýyşlaryň biri-birine gabat gelmezligini aňladýandygyny bileris/.

Aklawjy aklamak üçin aýyplanýanyň öz günäsini boýun almagyna garaşmaly däldir. Edilen jenaýat üçin jemgyýetçiligiň närazyçylygy aklawjyny ol jenaýat eden adamy aklamakdan boýun towlamaga mejbur etmeli däldir. Gaýtam tersine, eger jemgyýetçilik närazyçylyk bildirýän bolsa, şonça-da ýalňyşlygyň öňüni almalydyrlar we aklawjynyň işe gatnaşmagyny üpjün etmelidir.

Şonuň bilen birlikde aklawjynyň aklamakdan boýun gaçyrýan wagtlary hem bolup bilýär. Meselem, eger ol jebir çeken üçin -ýakyn garyndaş bolsa, eger uly professional emeli ee bilimleri talap edýän iş bolsa we aklawjy öz derejeeini bu talaplardan pes görýän bolsa.

/Aklawjy bilen aklanýanyň arasynda ylalaşyksyzlyk döremegi mümkin. Olar adat-ça, eger aýyplanýan aklamaklygy bikanun serişdeler we usullar bilen alyp barmaklygy isleýän bolsa ýüze çykýar./

Aýyplanýan şaýatlara gep içirip, sülçini ýa-da kazyýetiň aklamaklgyny, galp dokumentleri hödür etmekligini aklawjy goldamaly däldir.

Eger aklawjy aklaýan adamsynyň günäsiniň ýokdugyny subut edýän bolsa, ýöne aýyplanýanyň özi öz günäsini boýun alýan bolsa, onda garaýyşlaryň gabat gelmezligi mümkindir.

Şonuň ýaly-da, jenaýatyň kwalifikasiýasy barada hem aklawjy bilen aklanýanyň arasynda garaýyşlaryň gabat gelmezligi mümkindir. Bu ýerde aklanýan öz günäsini boýun alýar, aklawjy bolsa, has ýeňil jenaýaty edendigi üçin kanuny ulanmaklygy talap edýär.

Praktikada şeýle ýagdaýlara duş gelmek bolýar. Aýyplanýan otwodyň ýa-da haýyşnamanyň kanagatlandyrylmagyny talap edýär, emma aklawjy otwod

üçin esas görmeýär, haýyşnamanyň kanagatlandyrylmagy bolsa, aklanýanyň ýagdaýynyň erbetleşmegine getirjekdigine düşünýär. Şeýle ýagdaýlarda, etiki normalara goldanyp, aklawjy öz aklaýan adamsyna prosessual hereketleri ýerine ýetirmekligiň netijelerini düşündirmelidir. Emma aýyplanýan aklawjynyň pikiri bilen ylalaşmasa, onda aklawjy aýyplanýanyň hereketlerini goldaman, bu barada özüniň närazyçylygy barada sülçä ýa-da kazyýete aýtmaly däldir.

Käwagtlar işde aklanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän ýa-da bildirilýän günä degişli ýagdaýlar bolmaýar. Ol ýagdaýlar barada aýyplanýanyň özünden başga hiç kim bilmeýär. Ol ýagdaýlar aýyplanýany aklap, ýa-da onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirip bilýärler, şonuň ýaly-da, olar onuň üçin peýdasyz bolmagy hem mümkin. Eger aýyplanýan şol ýagdaýlaryň derňelmegini islemeýän bolsa, onda aklawjynyň onuň bile ylalaşmazlygynyň moral taýdan hukugy ýokdur. Çünki aýyplanýanyň aklawjynyň özüne garşy işlemejekdigine ynamy bolmalydyr.

Aklawjynyň prosessual özbaşdaklygy aýyplanýan tarapyndan başga ýagdaýlarda hem çäklendirilip bilner. Türkmenistanyň JPK-ne laýyklykda aýyplanýan aklawjydan ýüz dönderip bilýär, şonuň ýaly-da aklawjynyň beren kassasion şikaýatyny yzyna alyp bilýär. Aklawjy bolsa, eger aýyplanýanyň razyçylygy bolmasa, öz kassasion ýa-da hususy şikaýatyny yzyna alyp bilmeýär, çünki munuň özi aýyplanýanyň goragsyz galdyrylmagyny aňladardy.

Eger aklawjy haýyşnamany ýa-da şikaýaty bermeklige esas görmeýän bolsa, emma aýyplanýan muny isleýän bolsa, onda aklawjy aklanýana şeýle ýuridiki

kömegi bermän bilmez. Şeýle ýagdaýda aklawjy aýylanýanyň adyndan haýyşnamany ýa-da şikaýaty düzmelidir.

Türkmenistanyň JPK-nyň 52 maddasy güman edilýäne, aýyplanýana, kazyýet edilýäne aklawjydan boýun gaçyrmaklyga hukuk berýär. Şeýle boýun gaçyrmaklyk aýyplanýanyň öz teklibi boýunça we meýletin bolmalydyr. Şeýle boýun gaçyrmaklyk derňewde, şonuň ýaly-da kazyýetde, ýöne aklawjynyň bolmagynda, bildirilip bilner.

Kazyýetde çykyş etmeklik aklawjynyň has çylşyrymly, ýiti we görnükli işidir. Aklamaklyk çykyşy günäsizi jenaýat jogapkärçiligine çekilmekden we kazyýet edilmekden aýyrmaklyga gönükdirilen aklawjynyň uly we çylşyrymly işini tamamlaýar.

Türkmenistanyň JPK-nyň 305 maddasynyň esasynda jenaýat, işi boýunça kazyýet çykyşlarynda söz sözleýär. Onuň çykyşy bäş sany esasy bölekden ybarat: giriş, işiň ýagdaýlarynyň anyk barlagy, bildirilen aýbyň ýuridiki tarapynyň derňelmegi, kazyýet edilýäne häsiýetnama bermek, gutardyş bölegi.

Aklawjynyň wezipesi öz çykyşlary bilen kazyýetleri öz aýdýan netijeleriniň dogrudygyny ynandyrmakdyr.

Aklawjy öz çykyşynda jenaýatyň düzüminiň ýokdugyny ýa-da kazyýet edilýäniň hereketlerinde jenaýatyň düzüminiň ýokdugyny, şonuň ýaly-da kazyýet edilýäni günäkär diýip bilmeklige esaslaryň ýeterlik däldigini subut etmäge we şunuň esasynda ony aklamak üçin kazyýetden soramaga haky bardyr. Ondan başga-da, eger aklawjy /onuň/ kazyýet edilýäniň günälidigine şübhelenýän bolsa, onda ol kazyýetden ony aklamaklygy sorap biler.

Eger aklawjy öz aklaýan adamsynyň günäsiniň ýokdugyny subut edip bilmese, ol kazyýet edilýäniň peýdasyna hakyky we ýuridiki maglumatlary aýdyp, onuň günäsini ýeňilleşdirýän ýagdaýlary, onuň etmişini jemgyýete has az howplulyk derejesini subut etmelidir. Şunda kazyýet edilýäniň şahsyýetiniň häsiýetnamasyna üns bermelidir. Onda onuň gowy häsiýetleri, jenaýaty ýerine ýetirmekliginiň sebäpleri we şertleri beýan edilmelidir. Hat-da eger kazyýet bolýanyň günäsi doly subut bolsa-da, ol aklamakdan ýüz döndermän, kazyýetden prokuroryň soraýan jezasyndan has az berk jezany soramak üçin ähli ýagdaýlary aýtsa, munuň özi ahlaklylyk bolar.

Türkmenistanyň JPK-nyň 305 maddasy kazyýet çykyşlaryna gatnaşyjylara kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara salgylanmaklygy gadagan edýär. Şonuň üçin, eger aklawjy kazyýet çykyşynda mejlisde barlanmadyk subutnamalary getirip çykyş etse, munuň özi ahlaksyz bolar.

Türkmenistanyň JPK-nyň 110 maddasyna laýyklykda kazyýetde raýat jedelleri boýunça beýlekiler bilen birlikde adwokatlar hem wekil bolup gatnaşyp bilýärler. Tarapyň islegine esaslanýan kazyýet wekilçilgi esasan adwokatura tarapyndan amala aşyrylýar. Adwokatlar kollegiýasynyň agzalary raýatlary, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, daýhan birleşiginiň bähbidini goraýan wekil hökmünde çykyş edip bilýärler. Adwokat diňe bir öz hukugyny goraýan tarapyň wekili bolmak bilen çäklenmän, eýsem işiň ýagdaýlaryny ýüze çykarmak üçin we olaryň dogry çözülmegi üçin adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna öz goşandyny goşýar.

Şonuň üçin, eger ýuridiki sowatsyzlyk esasynda, betnebislik esasynda, ýa-da bilkastlyk esasynda kimdir birine esaslandyrylmadyk aýyp bildirýän bolsa, aklawjynyň

göz-görtele esaslandyrylmadyk ýa-da bikanunyň talaplary goldamaklygyny talap edýän bolsa, ýa-da jedelsiz talaba garşy çykyş edýän bolsa, onda adwokat kazyýetde onuň kanuny wekili bolmaklykdan ýüz döndermelidir. Munuň özi adwokat etikasynyň talaplary bilen şertlendirilendir.

Raýatyň işini alyp barmaklyk üçin adwokata kömek sorap ýüz tutulmagy raýatyň borjy däl-de, eýsem onuň hukugydyr.

Jedelli bähbidiň kanunylygyny, ony goramak üçin subutnamalaryň ýeterlikliligi we prosesiň bähbitli gutarmaklygy adwokatda raýat işini alyp barmaklyk üçin ýeterlik1 ýuridiki esas döredýär.

Şunda wekilçiligiň we hereket edýän kanunyň ahlak başlangyçlaryndan ugur alyp, şu aşakdaky ýagdaýlarda işi alyp barmaklykdan ýüz dönderýär:

1) Eger işiň çözülmeginde onuň bilen garyndaş adam gatnaşýan bolsa;

2) Eger ol şu iş boýunça şaýat hökmünde geçýän bolsa we ş.m.

## Prokuroryň hünär edebi

Prokuroryň iş ýörediş işiniň ahlak başlangyçlary, onuň hukuk goraýjy we beýleki edaralary, hukuk şahslary we raýatlary bilen etiki nukdaýnazaryndan özara gatnaşyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, „Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynda, Jenaýat iş ýörediş Kanunynda, Raýat iş ýörediş Kanunynda, Türkmenistanyň „Zähmet hakyndaky” Kanunynda, Ýaşaýyş jaý Kanunynda, Türkmenistanyň „Nika we maşgala hakyndaky” Kanunynda, beýleki kanun çykaryjy namalarynda berkidilendir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 110-njy maddasy esasynda Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçilik Türkmenistanyň Baş prokuroryna hem-de oňa tabyn prokurorlara ýüklenilýär.

Prokuror kazyýetlerde işleriň garalmagyna kanunda bellenen esaslarda hem-de tertipde gatnaşýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 111-nji maddasy prokuraturanyň operatiw-agtaryş işiniň kanunylygyna hem-de jenaýat işleriniň derňelişine gözegçilik edýändigini görkezýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 113-nji maddasynda Türkmenistanyň Baş prokurory hem oňa tabyn prokurorlar öz ygtyýarlyklaryny amala aşyranlarynda diňe kanuny gollanýarlar diýlendir.

Prokurorlar özleriniň ygtyýarlyk döwründe syýasy partiýalaryň we syýasy maksat tutýan beýleki jemgyýetçilik birleşmeleriniň hatarynda durup bilmezler. Bu wajyp edebi talapdyr.

Eger-de biz Türkmenistanyň „Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunyny açyk görsek, onuň 1-nji maddasynda Türkmenistanyň prokuraturasy kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaradyr diýilýär.

Türkmenistanyň çäginde kanunlaryň, Prezidentiň, Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, döwlet dolandyryş hem-de gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan, eýeçiligiň ähli görnüşlerine hem formalaryna degişli kärhanalar, edaralar, guramalar, birleşikler tarapyndan, telekeçilik işi bilen meşgullanýan adamlar jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçilik Türkmenistanyň Baş prokuroryna hem-de oňa tabyn prokurorlara ýüklenilýär.

Prokuroryň işi pudaklara (işiniň ugurlary boýunça) bölünýär. Pudaklaryň her birinde prokuror uly ygtyýarlyklara eýedir hem-de öz işinde olardan örän oýlanyşykly peýdalanmalydyr. Sebäbi prokuroryň adamlar bilen, ýagny wezipeli şahslar, köpçülikleýin edara ýa-da aýry-aýry raýatlar bilen arasyndaky özara gatnaşyklary düzgünleşdirýän etiki kadalary bozmazlygy zerurdyr.

Türkmenistanyň „Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunynyň 19-njy maddasy. Umumy gözegçiligin mazmuny

Umumy gözegçilik:

-döwlet dolandyryş we gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edralarynyň, eýeçiligiň ähli görnüşlerine we formalaryna degişli kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň hem-de birleşikleriň, wezipeli adamlaryň kanunlary, Prezidentiň, Ministrler Kabinetiniň namalaryny ýerine ýetirişlerini, şeýle hem şol edaralaryň, kärhana-edaralaryň, birleşikleriň çykarýan hukuk namalarynyň kanunlara laýyk gelşini;

-raýatlaryň kanunda bellenen hukuklarynyň berjaý edilişini;

-administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere garamaga ygtyýarly edilen edaralaryň kabul edýän çözgütleriniň kanunylygyny öz içine alýar.

Içki hojalyk işine prokuraturanyň gatyşmaga haky ýokdur. Kanunlaryň ýerine ýetirilişini barlamak işi kanunçylygyň bozulandygy, rnuňa bolsa prokuroryň gös-göni baş galdyrmagynyň gerekdigi hakynda gelip gowşan habarlar hem-de bar bolan maglumatlar esasynda geçrilýär.

20-nji madda. Prokuroryň ygtyýarlary

Prokuror umumy gözegçiligi amala aşyranda:

-şu Kanunda görkezilen gözegçilik obýektlerine päsgelsiz barmaga, şeýle hem şolaryň dokumentleri we materiallary, şol sanda hem kommersiýa syrly dokumentleri we materiallary bilen päsgelsiz tanyşmaga mümkinçiligi bardyr. Prokuraturanyň şu madda esasynda alan kommersiýa syrly maglumatlary aýan edilmeli däldir;

-kanunçylygyň bozulandygy hakynda düşen arzalara, şikaýatlara we gaýry maglumatlara görä kanunlaryň ýerine ýetirilişini barlaýar;

-ýolbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan zerur dokumentleri, materiallary, statistiki we gaýry

maglumatlary bermeklerini, olaryň gözegçiligindäki we garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň hem-de şolaryň tabynlygyndaky wezipeli adamlaryň işini barlamagy we derňemegi, ýüze çykan meseleleri aýdyňlaşdyrmak üçin hünärmenleriň berilmegini, prokuratura gelip gowşan materiallaryň, habarlaryň, arza-şikaýatlaryň barlanmagyny, ekspertiza geçirilmegini talap edýär hem-de şolaryň netijelerini habar bermäge borçly edýär. Prokuroryň ýokarda görkezilen talaplary tölegsiz ýerine ýetirilýär;

-wezipeli adamlary we raýatlary çagyrýar hem-de olardan kanunyň bozulmagy barasynda düşündiriş bermeklerini talap edýär;

-administratiw taýdan bikanun tutulyp saklanan adamlary boşadýar; kanuna ters gelýän namalar barada garşylyknama berýär, kanunyň bozulmagyny düzetmek hakynda tabşyryknama we teklipnama çykarýar;

-kanunda bellenen halatlarda, raýatyň we döwletiň hukuklaryny hem-de kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutýar;

-kanunda bellenen tertipde jenaýat işlerini, administratiw hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky ýa-da düzgün-nyzam häsiýetindäki işleri gozgaýar.

Prokuroryň jenaýatlary derňeýän edaralary bilen özara gatnaşyklary örän köptaraplydyr. Bu işde prokuroryň ýokary derejede jenaýat iş ýörediş kanuny, jenaýat kanuny bilmegi, jenaýatlaryň ähli görnüşlerini derňemegiň, derňew hereketlerini geçirmegiň, ylmy-tehniki agtaryp tapma çäreleri ulanmagyň, jenaýat yzlaryny ýazyp almagyň taktikasyna eýe bolmagy zerurdyr.

Bu mümkinçiliklere eýe bolman, prokuroryň doznaniýe we deslapky derňew edaralarynyň işine gözegçiligi amala aşyrmaga, hatda işiniň şu ugurynda oňa berlen ygtyýarlykdan peýdalanmaga ahlak taýdan hukugy ýokdur. Bu hukuklar bolsa örän giňdir.

26-njy madda. Doznaniýe we deslapky derňew edaralary tarapyndan kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek barada prokuroryň ygtyýarlary.

Prokuror doznaniýe we deslapky derňew edaralary tarapyndan kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edende:

-edilen ýa-da ediljek bolunýan jenaýatlar hakyndaky arzalaryň we habarlaryň çözülişiniň kanunulygyny barlaýar, doznaniýe we deslapky derňew edaralaryndan barlamak üçin jenaýat işlerini, edilen jenaýatlar hakyndaky doznaniýanyň, deslapky derňewin hem-de jenaýat eden adamlary anyklamagyň gidişi hakyndaky dokumentleri, materiallary we beýleki maglumatlary, operatiw-agtarys. işine degişli materiallary talap edip alýar;

-süçileriň we doznaniýe geçirýän adamlaryň bikanun hem-de esaslandyrylmadyk kararlaryny sökýär, derňew bolümleriniň we doznaniýe edaralarynyň ýolbaşçylarynyň beren bikanun görkezmelerini ýatyrýar;

-jenaýatlar barada derňew we operatiw-agtaryş çärelerini geçirmek hakynda, ätiýaçsyzlandyrmak çärelerini saýlap almak, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak, jenaýatlary maddalaşdyrmak hakynda, aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmek hem-de jenaýat eden adamlary agtaryp tapmak hakynda ýazmaça görkezmeler berýär;

-prokuroryň ýa-da prokuraturanyň sülçisiniň iş ýöretmeginde bolan işler boýunça aýry-aýry derňew

hereketlerini ýerine ýetirmegi doznaniýe edaralaryna tabşyrýar;

-doznaniýe we deslapky derňew geçirmek işine gatnaşýar, zerur bolan mahalynda aýry-aýry derňew hereketlerini ýa-da islendik iş boýunça doly derňewi hut özi geçirýär;

-adamy tussag astyna almaga hem-de doznaniýe we deslapky derňew edaralarynyň raýatlaryň konstitusion hukuklaryny çäklendirmek baradaky beýleki hereketlerine, ýagny jenaýat iş ýörediş Kanunynda göz öňünde tutulan şeýle hereketlerine ygtyýar (sanksiýa) berýär;

- jenaýat iş ýörediş kanunda bellenen halatlarda we tertipde derňewiň hem-de ätiýaçsyzlandyrmak çäresi hökmünde tussag astynda saklamagyň möhletini uzaldýar;

-goşmaça derňew geçirilmelidigi hakyndaky öz görkezmeleri bilen bile jenaýat işlerini doznaniýe we deslapky derňew edaralaryna gaýtaryp berýär;

-derňewi has doly we hakykata laýyk geçirmek maksady bilen her bir işi doznaniýe edarasyndan alyp sülçä berýär, işi deslapky derňew edarasynyň birinden alyp, beýleki birine, şeýle hem bir sülçiden alyp, beýleki sülçä berýär;

-eger doznaniýe geçirýän adam ýa-da sülçi işi derňände kanunyň bozulmagyna ýol beren bolsa, doznaniýany ýa-da deslapky derňewi alyp barmagy dowam etdirmekden olary çetleşdirýär;

-jenaýat işlerini gozgaýar ýa-da gozgamakdan ýüz dönderýär, jenaýat işleri boýunça iş ýöretmegi ýatyrýar ýa-da togtadýar; aýyplama netijesini (kararyny) tassyklaýar, jenaýat işlerini kanunlar arkaly bellenilen tertipde kazyýete iberýär;

-doznaniýe geçirýän adamlara we sülçilere garşy çykylmagy hakyndaky arzalara, olaryň hereketleri we çozgütleri baradaky şikaýatlara garaýar.

27-nji madda. Raýatlaryň hukuklaryny çäklendirýän hereketlere ygtyýar bermek.

1. Adamy tussag astynda saklamaga ygtyýar (sanksiýa) bermek hukugy Baş prokurora, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň, şäherleriň, etraplaryň prokurorlaryna, atrabara, ýöriteleşdirilen prokurorlara we olaryň orunbasarlaryna berilýär.

2. Prokurorlar we olaryň orunbasarlary özleriniň ygtyýarlarynyň çäklerinde jenaýat-iş ýörediş Kanunynda raýatlaryň konstitusion hukuklaryny çäklendirmek barada göz öňünde tutulan beýleki hereketlere hem ygtyýar berýärler.

Prokuroryň hünär edebiniň meseleleri prokuror gözegçiliginiň nazaryýetinde gowşak işlenilip düzülendir. Talyplar tarapyndan bu meseleleriň öwrenilmegi uniwersitetleriň we institutlaryň fakultetleri üçin hukuk öwreniş hünäri boýunça “Prokuror gözegçiligi” dersiniň meyilnamasynda göz öňünde tutulmadykdyr. Bu ylmy ders boýunça olar barada okuw kitaplarynda hem agzalyp geçilmeýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde okuwlaryny tamamlap, prokuratura edaralaryna işlemäge gelýän tejribe işgärleri, şol sanda hem ýaş hünärmenler öz işiniň ahlak-edebi nukdaýnazaryndan berk nazary taýýarlygyna eýe bolmagy hökmanydyr.

Prokuroryň hünär edebi ýuridiki edebiň bir bölegidir. O1 umumy edebi, ýagny jemgyýetiň ýaşaýşynyň ähli çygryndaky adamlaryň özlerini alyp barşynyň özboluşly

ahlak sazlaýjysy hökmünde çykyş edýän durmuş ulgamy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Prokuroryň hünär edebiniň esasynda jemgyýetdäki ähli adamlaryň gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän şol bir ahlak kadalar ýatandyr.

Häkimiýet edaralarynyň işiniň häsiýetindäki anyk aýratynlyklar ahlak kadalarynyň täsirinde belli bir yz galdyrýar. Olar prokuroryň işinde hem bar. Kanun tarapyndan bähbitleri goralýan, kanunlary ulanýan we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik amala aşyrylýan edaralar we şahslar bilen, raýatlar, döwlet we jemgyýetçilik edaralar bilen, şeýle hem prokuratura edaralarynyň işgärleriniň aralarynda döreýän gatnaşyklardaky ahlak meseleleri prokuroryň etikasy öz içine alýar.

Prokuratura öz işinde ýerli täsir etmelere, ýerli we käbir býurokratizma garşy çykmaga, kanunylygyň takyk we birmeňzeş ulanylmagyny ykrar etmäge ukyply bolmalydyr. Prokuratura kanunlaryň, Prezidentiň, Ministrler Kabinetiniň namalarynyň döwlet dolandyryş hem-de gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan, eýeçiligiň ähli görnüşlerine hem formalaryna degişli kärhanalar, edaralar, guramalar, birleşikler tarapyndan, telekeçilik işi bilen meşgullanýan adamlar jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýändir.

Prokuratura edaralary adamlara, olaryň aralaryndaky gatnaşyklara, adamyň jemgyýet we döwlet bilen gatnaşyklaryna täsir etmegiň ägirt uly ahlak-edebi mümkinçiliklerine eýedir.

Prokuror gözegçiligi her bir döwlet işi ýaly hukuk kadalary bilen bilelikde ahlak kadalary bilen düzgünleşdirilýändir. Hukuk kadalar hem öz içinde ahlak başlangyçlaryny saklaýandyr.

K.Marks: “... ahlak gatnaşyklarynyň ýaşamagyny saklamak kanun çykaryjynyň diňe hukugy bolman, eýsem onuň borçlary bolup durýar”. Hukuk we ahlak kadalary bilelikde raýat borjuna, jemgyýete, zähmetiň düzgün-nyzamyna bolan gatnaşygyny kesgitleýär.

Prokuraturanyň kanunlaryň takyk we birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçiligi döwletiň adyndan amala aşyrýandygy sebäpli, onuň edaralarynyň işgärleri tarapyndan ahlak kadalarynyň berjaý edilişi uly prinsipial, syýasy ähmiýete eýedir.

Prokuror tejribeliginde ahlak meselesi, ýagny hem prokuratura işgärleriniň özlerine hem-de prokuror-gözegçjlik hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerine bildirilýän ahlak talaplar wajyp orny eýeleýar. Mysal üçin, prokuror gözegçiligi edaralarynyň kanuny talaplarynyň hökman ýerine ýetirilmelidigi (Türkmenistanyň “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunynyň 6-njy maddasy) hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň kanunyň we häkimiýetiň talaplaryna boýun egmek ahlak borjuny, özleriniň hereketleri üçin olaryň ahlak jogapkärçiligini göz öňüne tutýar.

Prokuroryň hünär edebiniň esasynda döwlet, jemgyýetçilik işini, ähli wezipeli adamlaryň we raýatlaryň özlerini alyp barşyny kesgitleýän ahlak ýörelgeler ýatandyr.

Prokuror gözegçiliginiň esasy ahlak ýörelgeleriniň ulgamy nähilidir?

Biziň ahlak ýörelgelerimiziň ulgamynda döwlete wepalylyk, prokuratura işgärleriniň onuň ideallarynyň dabaralanmagyna bolan ynam we çuňňur ynamlylyk ýörelgesi agalyk edýär. Şol ýörelgeden döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerine bolan gaýduwsyz we çäksiz wepalylyk ýörelgesi gelip çykýar. Prokuraturanyň işgärleri hemişe jemgyýetiň we döwletiň öňündäki ýokary borç duýgusyny ýatdan çykarmaly däldir.

Adamlara bolan adamkärçilik, hoşniýetlilik, adam söýüjilik, aladalylyk, mylakatlylyk - häkimiýetiň bütin döwlet diwanynyň, şol sanda hem prokuror gözegçiliginiň edaralarynyň işini kesgitleýän ahlak ýörelgeleridir.

Türkmenistanyň prokuraturasynyň wajyp wezipesi - Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlary tarapyndan yglan edilip kepillendirilen raýatlaryň durmuş-ykdysady, syýasy we şahsy hukuklaryny we azatlyklaryny her hili kast etmekliklerden goramakdyr. Şol bir wagtda bu prokuratura edaralarynyň ahlak ýörelgeleriniň birisi bolup durýar.

Prokuror kanuny hukuklary we bähbitleri bozulan hem-de kemsidilen adamlaryň kynçylyklaryna we horluklaryna biperwaň garap bilmez. Adamyň ykbalyna, onuň ýakynlaryna we hossarlaryna adam gynanjyny bildirmeklik duýgusy prokurorlara ýat däldir we käwagt ondan uly güýç-gaýrat, adamlaryň durmuşy üçin howsala düşmek hem-de şol bir wagtda özüne erk edip bilijiligi talap edýär. Prokuratura edaralarynyň işgärleri her gün adamlar bilen gatnaşykda bolýarlar, käwagtlar adam üçin durmuş ähmiýetli kararlary kabul edýärler. Şonuň üçin şu ýerde adamlara bolan mylakatlylyk we hoşniýetlilik aýratyn ähmiýetlidir.

Adamy we jemgyýeti hukuk bozulmalardan, şol sanda hem jenaýatlardan gorap, prokuror hukuk bozujylara kanun tarapyndan göz öňünde tutulan täsir ediş çärelerini ulanýar. Jemgyýetiň bähbitlerini goramak üçin zerurlyk hökmünde prokuror gözegçiliginde “gutulgysyz bela” diýlip atlandyrylýan adalganyň ahlak delili bardyr. Mysal üçin, kanun tarapyndan göz öňünde tutulan mejbur ediş çärelere - tussag astyna almaklyga, oý dökmeklige, administratiw tertipde adamlary ýaşaýyş jaýdan çykarmaklyga, jenaýat işleri, düzgün-nyzam önümçiligi ýa-da administratiw hukuk bozulmalar baradaky önümçiligi we ş.m. gozgamaklyga idin berip, prokuror ahlak başlangyçlary bolan kanunlardan gollanýar. Emma her bir eden-etdilige, kanunsyzlyga, fiziki ejir çekdirmeklige ýa-da şahsyýetiň adam mertebesini peseltmeklige hiç ýagdaýlarda ýol berilmeli däldir.

Amala aşyrylan hukuk bozulmadaky adamyň günäkärlik derejesi, edilen etmişin jezasynyň deňligi we ş.m. baradaky prokuroryň netijeleriniň adalatlylygynyň ahlak ýörelgesi beýleki ahlak ýörelge - prokuroryň baha bermeleriniň we netijeleriniň obýektiwligi bilen berk baglanyşyklydyr. Şol ýörelgeleriň berjaý edilişi prokuror gözegçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Diňe prokuroryň işe obýektiw, esassyz däl ýagdaýda garamaklygy şertlerde hukuk bozulmalar bilen gürrüňsiz, oňşuksyz hem netijeli göreşmek bolar.

Prokuroryň adamlar bilen gatnaşygynyň edepliligi, gullukda hem öýde öz duýgularyny saklamaklyga başarnygy sypaýylyk, mylaýymlyk - prokuroryň işindäki örän wajyp ahlak talaplardyr. Prokuratura işgärleriniň

edepsizligi, sabyrsyzlygy, gödekligi diňe prokuraturany abraýdan gaçyrmakdan başgada, adamy masgaralaýandygyny, onuň özüne mälim bolan faktlar barasynda erkin we ak ýürekden gürrüň bermek isleginden mahrum edýändigini, munuň bolsa, obýektiw hakykaty anyklamaga päsgel berýändigini ýatdan çykarmaly däldir. Gelen adamlary ünsli diňlemekligi başarmalydyr, raýatlar, wezipeli adamlar, edara, kärhanalar bilen gulluk hat alyşmada edepli bolmalydyr.

Gulluk borçlaryny ýerine ýetirende ahlak birkemsizlik, akýüreklilik, düzgün-nyzam, şahsy durmuşdaky ýokary ahlaklylyk, tanyş tutunmakda seljerijilik - resmi hem ondan daşary ýagdaýlarda görelde bolup hyzmat etmäge borçly prokurora bildirilýän hökmany talaplardyr.

Türkmenistanyň “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanuny prokuratura edaralarynyň öňünde “wezipeli adamlary we raýatlary öz konstitusion borçlaryny ak ýürekden ýerine ýetirmek, demokratik jemgyýetiň kanunlaryny we düzgünlerini berjaý etmek ruhunda terbiýelemeklige” bütin öz işi bilen ýardam etmek wezipesini goýdy. Onuň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin prokuratura işgärlerine diňe kanunlaryň takyk we birmeňzeş ýerine ýetirilişine ýokary gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen örän gowy hünär taýýarlygy hem hukuk ygtyýarlyklary däl-de, eýsem ýokary ahlak mertebesi zerurdyr.

2. Döwlet garalawjysy hökmünde prokuroryň kazyýet we jenaýat kazyýet önümçiliginiň gatnaşyjylary bilen özara gatnaşyklarynyň ahlak tarapy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy bölümi Kazyýet häkimiýetine bagyşlanandyr.

99-njy madda. Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir.

Kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir.

100-nji madda. Kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar.

Adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen gaýry düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär.

101-nji madda. Kazyýet garaşsyzdyrlar, olar diňe kanuna tabyndyrlar we özleriniň içki ynam-ygtykadyna gollanýarlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär, oňa gatyşylmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige getirýär. Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär.

102-nji madda. Kazylar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Kazylary bellemegiň we boşatmagyň tertibi, ygtyýarlyklarynyň möhletleri kanun bilen kesgitlenilýär.

Ygtyýarlyklarynyň möhleti tamamlanmazdan öň kazy wezipesinden diňe kanunda görkezilen esaslara görä boşadylyp bilner.

103-nji madda. Kazylar mugallymçylyk we ylmy-barlag işlerinden özge hak tölenilýän haýsydyr bir başga wezipäni eýeläp bilmezler.

104-nji madda. Işlere kazyýetlerde kollegial garalýar, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa kazynyň bir özi garaýar.

105-nji madda. Kazyýetlerde işler açyk seljerilýär. Işiň ýapyk mejlisde seredilmegine diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, kazyýet önümçiliginiň ähli düzgünlerini berjaý etmek bilen ýol berilýär.

106-njy madda. Kazyýet önümçiligi döwlet dilinde ýöredilýär. Işe gatnaşýan we kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän adamlara terjimeçiniň kömek etmeginde işiň materiallary bilen tanyşmak hem-de kazyýet hereketlerine gatnaşmak, şeýle hem kazyýet mejlisinde ene dilinde çykyş etmek hukugy üpjün edilýär.

107-nji madda. Adyl kazyýetlik taraplaryň deňligi we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar.

Taraplaryň Türkmenistanyň kazyýetleriniň çykaran çözgütleri, hökümleri we beýleki kararlary barada şikaýat etmäge hukugy bardyr.

108-nji madda. Professional ýuridiki kömegi almak hukugy kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda ykrar edilýär.

Raýatlara we guramalara ýuridiki kömegi adwokatlar, beýleki adamlar we guramalar berýärler.

109-njy madda. Kazyýetleriň ygtyýarlyklary, olary döretmegiň we işiniň tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanuny adyl kazyýetligi, ýagny kazyýetlerde işlere garalanda prokuroryň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Kanunynyň 30-njy maddasy. Adyl kazyýetligi amala aşyrmakda prokuroryň wezipeleri

Prokuror işlere kazyýetler garanda, oňa gatnaşmak bilen adyl kazyýetligiň maksatlarynyň we wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine, kanuny hem-de esaslandyrylan çözgütleriň, hökümleriň, kararlaryň we kesgitnamalaryň çykarylmagyna ýardam edýär.

31-nji madda. Işlere kazyýet garanda oňa prokuroryň gatnaşmagy

1. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, prokuror işlere kazyýet tarapyndan garalanda oňa gatnaşýar.

2. Prokuror kazyýetde günäkäriň jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi üçin döwlet garalawjysy hökmünde çykyş edýär.

Prokuror kazyýetde günäkärlenýäni döwletiň adyndan aýyplamak bilen, şol kazyýet edilýän barasynda jenaýat Kanunyny ulanmak we jeza çärelerini bellemek meseleleri boýunça öz nukdaýnazaryny beýan edýär, şunda ol kanunyň talaplaryny hem-de işiň ähli ýagdaýlaryna garamagynyň netijelerine esaslanan öz içki ynam-ygtykadyny gollanýar. Bildirilýän aýyplama kazyýetiň seljermeginiň barşynda tassyk bolmadyk halatlarda prokuror aýyplamadan ýüz döndermäge borçludyr.

3. Prokuror beýleki adamlaryň hukuklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramagyň hatyrasy üçin kazyýete beýannama bilen ýüzlenmäge ýa-da işe garalmagynyň islendik döwründe oňa gatnaşmaga haklydyr: eger muny raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak talap edýän bolsa.

4. Kazyýetiň garaýan işine gatnaşýan prokuroryň ygtyýarlary iş ýörediş kanunlar esasynda kesgitlenilýär.

## Polisiýa, notariýat işgärleriniň halk hojalygynda hukuk maslahatçysynyň etikasyna degişli meseleler

Hormatly Prezidentimiz hukukçy hünärmenlerini taýýarlamak barada mugallymlaryň öýňünde uly-uly wezipeleri goýdy. Şol wezipeleri ýerine ýetirmekde hukukçynyň hünär edebi dersinde talyplara etikanyň düzgünleri barada düşünje berýär. Şeýle hem ahlaklylyk barada hukukçylara bildirilýän talaplar giňden açylyp görkezilýär.

Halkymyzyň ynsanperwerlik ýörelgelerinden we dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen halkara hukugyň kadalaryndan ugur alyp, Türkmenistan adamy jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy diýip ykrar etdi. Adam hukuklaryny we azatlyklaryny iş ýüzünde dolulygyna üpjün etmek Türkmenistanda döwlet syýasatynyň esasy özenine öwrüldi. Döwlet ilatyň we her bir adamyň syýasy, durmuş, maddy hem ruhy erkinligini, sosial goraglygyny kesgitlendirýär.

Aslynda durmuşda ýalňyşmaýan ýok. Ýöne ýalňyşyna düşünip, Allany ýatlap, toba gelmegiň, özüňi düzetmegiň özi hem, azaşan ynsany dogry öola gönükdirýär. Jenaýat edip ýalňyşan adamlary jemgyýete goşmak, Watan üçin zähmet çekmegini üpjün etmek ýurdumyzyň alyp barýan adalatly syýasatynda ileri tutulýar. Ýurdumyzdaher bir şanly senelerimizde rehim etme syýasatynyň alnyp barylmagy hem sagdyn jemgyýeti ýetişdirmegiň ýene-de bir mysalydyr.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň kanunlarymyzyň gözbaşy bolan Konstitusiýamyzda kesgitlenişi ýaly „Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň

iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetde el degirilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklary goraýar“.

Jenaýata baş goşup, soň edeniniň telekdigine düşünip toba eden adamynyň günäsini geçmek ynsanperwerligiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanda bolup geçýän düýpli özgerişikler, Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen türkmen jemgyýetiniň syýasy, ykdysady we jemgyýetçilik durmuşynda amala aşyrylýan özgertmeler dünýä bileleşiginde uly gyzyklanma döredýär. Döwlet baştutanynyň gadymdan bäri türkmen halkyna mahsus bolan ynsanperwerlik we rehimdarlyk, ynsansöýüjilik we adalatlylyk ýörelgelerini mundanbeýläkde pugtalandyrmaga gönükdirilen täze çäresi uly seslenme döretdi.

Adam hakdaky aladany baş wezipesi hasaplaýan ýurdumyzda ýaşamagam işlemegem diýseň lezzetli. Çünki binýady adalatdan, sahawatdan, ynsanperwerlikden tutulan Garaşsyz Watanymyzda raýatlary durmuş taýdan goramak, maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, kanuny hukuklaryny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler öz halkymyz tarapyndan hem, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan hem doly goldanylýar.

Adam hukugy we azatlygy, saglygy, howpsuzlygy, ahlak we beden taýdan talabalaýyk ösüşi, ýokary durmuş derejesi döwlet syýasatynyň mazmunyny düzýär.

Hormatly Prezidentimiziň syýasatynyň we ynsanperwerlik ýörelgeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen ýurdumyzda raýatlaryň erkin ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi, ähli ukyplaryny, zehinini ýüze çykarmagy, jemgyýeti we döwleti dolandyrmaga ýakyndan gatnaşmagy üçin syýasy, ykdysady, hukuk taýdan amatly içerki we daşarky şertler döredilýär.

Baş kanunymyz bolan Konstitusiýamyzda kesgitlenişi ýaly, Türkmenistanda jemgyýetiň iň gymmatly hazynasy adamdyr.[1] Adama mähremlik etmek we ynsanperwerlik Hormatly Prezidentimiziň köptaraply döwlet işinde äşgär ýüze çykýar.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistana demokratik hukuk we dünýewi döwlet hökmünde dünýäde iň kämilleşen, adalatly, döwrebap, ynsanperwerlikli kanunlaryň gerekdigini nazarda tutup, soňky ýyllarda kabul edilýän, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna gabat gelýän Türkmenistanda adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny doly derejede üpjün etmäge gönükdirilen iş ýüzündäki deňsiz taýsyz çäreleriň birnäçesi bu ýagdaýyň aödyň şaýady bolup durýar.

Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizde her bir durmuş-ykdysady, syýasy we medeni özgerişiklerde ynsanperwerlikden ugur alynýar. Ýokarda belleýşimiz ýaly, ýurdumyzda her baýramçylykda geçirilýän günä geçişilik çäresi deňeşdirme hökmünde alanymyzda beýleki hiç bir döwletiň tejribesine şular ýaly toplumlaýyn çäre ulanylmaýar. Munuň esasy maksady adamy bagtly etmek we eşretli durmuşda ýaşamagyny kepillendirmek bolup

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.

durýar. Ynsana hormat goýmak hem mertebesini belent tutmak, her bir raýatyň erkin ömür sürmegi we işlemegi üçin zerur şertleri döretmek türkmen döwletiniň esasy ýol-ýörelgesine öwrüldi.

2008-nji ýylyň aprel aýynyň 4-ine hormatly Prezidentimiz Ýewropa-Atlantika hyzmatdaşlyk Geňeşiniň sammitinden eden çykyşynda „Terrorçylyga we neşe serişdeleriniň dolanyşygyna garşy göreşmek, serhetleri berkitmek boýunça bilelikde işlemek, halkara jenaýatçylygyň öňüni almak biziň hyzmatdaşlygymyzyň möhüm ugry bolup durýar“ diýip belledi.

Sözümizi jemläp aýtsak, biz gelejekde Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerlik, adalatlylyk syýasatlaryny ýol-ýörelge edinip, döwletimizde jemgyýetçilik düzgün-tertibini üpjün etmek, kanunçylygy pugtalandyrmak, adam hukuklaryny we azatlyklaryny gorap saklamak babatynda öňümizde duran wezipeleri gyşarnyksyz ýerine ýetirmek üçin ruhubelent zähmet çekeris.

Türkmenistanyň kanuny „Türkmenistanyň polisiýasy hakynda“ 2001-nji ýylda kabul edildi.

**Türkmenistanyň polisiýaşy.**

a) Polisiýa jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň janyny, saglygyny, hukuklaryny, azatlyklaryny, namysyny we mertebesini, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we hukuga garşy gelýän gaýry hyýanatçylyklardan goramagy amala aşyrýan içeri işler edaralarynyň ulgamynda döwlet hukuk goraýjy edarasydyr.

Türkmenistanyň polisiýa işgärlerini öz içinde esaslanmaly:

b) Polisiýanyň işiniň hukuk esasyny Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu kanun, “Türkmenistanyň içeri işler

edaralary hakynda” kanun, Türkmenistanyň beýleki kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary we şolara laýyklykda kabul edilýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara hukuk kadalary düzýär.

**Polisýanyň esasy wezipeleri:**

b)Polisiýanyň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat: şahsyýetiň howpsuzlygyny üpjün etmek;

jemgyýetçilik teitibini we jemgyýetçilik howpsuzlygyny goramak; jenaýatlary we hukuk tertibiniň beýleki bozulmalaryny duýdurmak we olaryň öňüni almak;

jenaýatlary ýüze çykarmak we açmak, olary eden adamlary agtaryp tapmak; raýatlara jemgyýetçilik we hukuk taýdan kömegiň berilmegine gatnaşmak;

eýeçiligiň ähli görnüşlerini jenaýatçylyklardan we beýleki hyýanatçylyklardan goramak;

pasport ulgamynyň kanunçylyk tarapyndan bellenilen kadalarynyň raýatlar we wezipeli adamlar tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmek;

öz ygtyýarlygynyň çäklerinde jenaýat jezalaryny we dolandyryş, temmi çärelerini ýerine ýetirmek;

Türkmenistanyň kazyýetleriniň we beýleki edaralarynyň raýat, araçylyk we jenaýat işleri boýunça çözgütleriniň, kesgitlemeleriniň we kararlarynyň emläk töletdirmeleri baradaky böleklerini, şeýle hem beýleki çözgütlerini we kararlaryny ýerine ýetirmek boýunça işi amala aşyrmak.

**Polisiýanyň işi we raýatlaryň hukuklary**.

Polisiýa öz wezipelerini kanuna pugta laýyklykda ýerine ýetirýär.Hiç hili aýratyn ýagdaýlar ýa-da wezipeli adamlaryň görkezmeleri polisiýanyň bikanun herketleri etmegine ýa-da onuň hereket etmezligi üçin esas bolup bilmez.

Polisiýa her bir adamy raýatlygyna, jemgyýetçilik, emläk we beýleki ýagdaýyna, milletine, jynsyna, ýaşyna, bilimine we diline, dine garaýşyna,syýasy we beýleki ynam ygtykadyna garamazdan goraýar.

Eger öz üstüne ýüklenen borçlary şunsuz ýerine ýetirip bolmasa, onda polisiýa raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny kanunlarda göz öňüne tutulan esasda we tertipde wagtlaýyn çäklendirmäge haklydyr.

Raýatlar öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň çäklendirilmegi barada polisiýa işgärlerinden düşündirişler almaga haklydyr.

Eger adamyň razylygy bolmasa, onda onuň şahsy durmuşy hakyndaky habary toplamaga, saklamaga, peýdalanmaga we ýaýratmaga polisiýanyň haky ýokdur,muňa şu kanunda we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda göz öňüne tutulan halatlar girmeýär.

Polisiýa tutulyp saklanylan we tussag astyna alnan adamlary olaryň hukuk goragyna bolan hukugynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge borçludyr, olaryň bolan ýeri hakynda hossarlaryna, işleýän ýa-da okaýan ýeriniň ýolbaşçylaryna haýal etmän habar berýär. Zerur mahalynda polisiýa olara saglygy goraýyş we beýleki kömegiň haýal edilmän berilmegi, şeýle hem görkezilen adamlaryň tutup saklanylmagy ýa-da tussag astyna

alynmagy netijesinde kimdir biriniň janyna, saglygyna ýa-da emlägin eabanan howpuň öňüni almak üçin çäreler görýär.

Eger Tärkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňüne tutulmadyk bolsa, onda polisiýa adamyň hukuklaryna, namysyna we mertebesine gös-göni degip geçýän resminamalar we maglumatlar bilen tanyşmaga oňa mümkinçilik döretmäge borçludyr.

2001-nji ýylda “Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda” kamuny kabul edildi.

Şu Kanun içeri işler edaralarynyň wezipelerini, hukuklaryny we borçlaryny belleýär we olaryň işiniň ýörelgelerini we hukuk esaslaryny kesgitleýär.

a) Içeri işler edaralary Türkmenistanyň döwlet hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamyna girýärler we jemgyýetçilik tertibini goramagy, raýatlaryň janyny, saglygyny, hukuklaryny we azatlyklaryny jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we hukuga garşy gelýän gaýry hyýanatçylyklardan goramagy üpjün etmäge niýetlenendir.

b) Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu kanun, Türkmenistanyň beýleki kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary, şeýle hem şolara laýyklykda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň çykarýan kadalaşdyryjy hukuk namalary Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň işiniň hukuk esasy bolup durýar.

w) Içeri işler edaralarynyň wezipeleri: Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň wezipeleri şulardyr:

- döwletde hukuk tertibiniň we kanunylygyň ýokary derejesini üpjün etmek;

- Jemgyýetçilik tertibiniň goragyny guramak;

**Türkmenistanyň döwlet notariaty döwletiň we raýatlaryň bähbitlerini goramaly.**

a) Ýokary ýuridik bilimi bolan we döwlet notariusynda stažžirowka geçen Türkmenistanyň graždany döwlet notariusy bolup biler.

Döwlet notariusynyň mugallymçylykdan we ylmy işden daşary başga iş bilen meşgullanmaga hukugy ýokdur.

Döwlet notariusy Türkmenistanyň ýustisiýa ministri tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipesinden boşadylýar.

Döwlet notariusynyn şulara hukugy bardyr, ýagny:

Kärhanalardan, edaralardan we guramalardan notarial herketleri amala aşyrmaga zerur bolan maglumatlary we dokumentleri talap etmäge;

ylalaşyklaryň we arzalaryň taslamalaryny düzmäge, dokumentlerin kopiýalaryny we olardan göçürmeleri taýýarlamaga, şeýle hem notarial hereketleri amala aşyrmak meseleleri boýunça düşündirişler we konsultasiýalar bermäge.

Döwlet notariusy şulara borçludyr, ýagny:

Şu kanunyň we kabul eden kasamynyň talaplaryna laýyklykda öz professional borçlaryny ýerine ýetirmäge;

raýatlara, kärhanalara, edaralara we guramalara öz hukuklarynyň amala aşyrylmagy we kanuny bähbitleriniň goralmagy üçin ýardam bermäge, olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmäge;

amala aşyrylýan notarial hereketleriň getirip biljek netijeleri barada duýdurmaga;

notarial hereketleriň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly özüne mälim bolan maglumatlaryň syryny saklamaga;

miras ýa-da peşgeş bermek tertibinde raýatlaryň eýeçiligine geçýän emläge düşýän salgydy hasaplamak üçin salgyt organlaryna emlägiň nyrhy barada zerur bolan güwänamalary bermäge;

Türkmenistanyň kanunlaryna ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyk gelmeýän halatynda, notarial hereketi amala aşyrmakdan ýüz döndermäge.

## Edebiýat

**Esasy:**

1.Türkmenistanyň Konstitusýasy. Aşgabat, 2008.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. “Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl”. Aşgabat, 2008.
3.Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, TDNG, 2008.
4.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşüň täze belentliklerine tarap. Aşgabat 2008ý.
5.Gurbanguly Berdimuhamedow. Tükmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007ý.
6.Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söymek - bagtdyr. Aşgabat, 2007ý.
7.Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007ý.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat,2007ý.
9.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Umumymilli „Galkynyş" Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýaşynyn nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdaki mejlisinde sözlan sözi. Aşgabat, 2007ý.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Malikgulyyewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007ý.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007ý.
12.Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saylany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.

13. Gurbanguly Berdimuhamedow. „Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryňsenenamasy - 2007 ýyl". Aşgabat, 2008ý.
14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007ý.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk 2009 ýyl
16. Mugallym, esger, ilhalar ynsan Aşgabat 2010 ýyl
17. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001ý.
18. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (ikinji kitap). Aşgabat, 2004ý.

**Gosmaça**

17. Türkmenistanyň “Döwlet notariaty hakynda” kanuny. Aşgabat, 1999.
18. “Türkmenistanyň kazyýet gurluşy we kazyýet statusy hakynda” kanuny. Aşgabat, 2009 ýyl.
19. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” kanuny. Aşgabat, 2009ýyl.
20. “Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda” kanuny. Aşgabat, 2001.
21. „Türkmenistanyň polisiýasy hakynda“ kanuny. Aşgabat, 2001.
22. Akbibi Yusubowa „Beýik Galkynyşyň waspy“, Aşgabat, 2008ý.
23. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008ý.
24. ”Türkmenistanyň jenaýat prosessual kodeksi”. Aşgabat, "Türkmenistan", 1984ý.
25. Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997 .
26. ”Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň raýat kodeksi”. Aşgabat, 1999ý.

27.”Etika”. Moskwa, 1986y.
28.„Estetika”. Moskwa, 1989ý.
29.„Etikanyň sözlügi”. M, 1987y.
30.Jenaýat prosesi. Okuw gollanmasy. M., Ýuridiki edebiýat, 1993y.
31.Prokuror gözegçiligi. M.MDU-nyň neşirýaty. 1996y.
32.Kriminalistika, okuw gollanmasy. M. “Ýuridiki edebiýat”, -2005
33.Kazyýet we adyl kazylyk. M. “Ýuridiki edebiýat”, -1981
34.”Kanunçylygyň esaslary”. M.,- 1979
35. A.A.Alekseýew. Hukuk we biziň durmuşymyz. M.,-1979
36. W.N.Kudrýawsew. Hukuk we häsiýet, M., -1978
37.A.Haýtlyýew. Türkmeniň ýönekey jenaýat hukugy. Aşgabat, “Ylym” -1986
38.Kakajan Ataýew. Könelmeýän söz. Aşgabat, “Magaryf”- 1984
39.H.Ataýew. Türkmenistanyň jenaýat Kodeksine düşündirişler. Aşgabat,- 2003
40. Türkmenistanyň Gümrük kodeksi. Aşgabat, “Ruh” - 1996
41.Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksi. Aşgabat, “Türkmenistan”. -1989
42. Türkmenistanyň graždan prosessual kodeksi. Aşgabat, “Türkmenistan”- 1989.
43. Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslaryndan materiallar. Aşgabat, “Magaryf “-2006
44.Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar kodeksi. Aşgabat, “Ruh”- 1994

45. Türkmenistanyň ýer hakyndaky kodeksi. Aşgabat, “Türkmenistan”, - 1998
46. Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kodeksi. Aşgabat, “Türkmenistan”1991
47.Кобликов А.С. Юридическая этика. Норма, Москва, 2002.
48.Найдонов В.В. «Советский исследователь», Юрид. лит., Москва, 1980.
49.Баршевский М. «Адвокатская этика». Москва, 2001.
50.Прокурорский надзор, Юрист. Москва, 2001.
51.Настольная книга нотариуса, Бек. Москва, 2000.
52.Батавина Р.Н. «Этика деловых отношении». Финансы истатистика. Москва, 2001.
53.Котов Д.П., Шихансов Г.Г. «Психология исследователя». Воронеж, 1987.
54.Делий Корнелигий. «Как завовывать друзей и оказывать влияние на людей. Прогресс, Москва, 1985.
55.Милицейское законодательство Россия, Юргант, Москва, 2001.
56.Гусейнов А.А., Апресян Р.Г. «Этика», Москва, 2002.

# MAZMUNY

Sözbaşy ………………………………………………9

Ýuristiň hünär edebi dersi barada düşünje……………….12

Ýuristiň gulluk ygtyýarlyklary, borjy we şahsy jogapkärçiligi…………………………………………….22

Sülçiniň professional etikasy. Aýry-aýry derňew hereketleriniň taktikasynyň etiki esaslary........................32

Jenaýat kazyýet önümçiliginde hukuk we ahlak kadalary……. …..........................................................48

Kazyýet edebiniň meseleleri…......................…..............51

Jenaýat we raýat kazyýet önümçiliginiň ahlak başlangyçlaryny medeniýetli üpjün etmek…....................58

Aklawçylaryň hünär edebi…......................................... 67

Prokuroryň hünär edebi…..............................................79

Polisiýa, notariýat işgärleriniň halk hojalygynda hukuk maslahatçysynyň etikasyna degişli meseleler.................94

Edebiýat...........................................................................103